# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň Býujet kodeksini tassyklamak wegüýje girizmek hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 37-nji madda)

*(26.08.2017 ý.№ 604-V, 20.10.2018 ý. № 83-VI, 22.08.2020 ý.№ 269-VI Türkmenistanyň Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)*

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Býujet kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Býujet kodeksini, şu Kanunda bellenilen düzgünleriň hasaba alynmagy bilen, 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizmeli.

**3-nji madda.** Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň düzgünlerine esaslanýan býujet işiniň amala aşyrylmagyna tapgyrlaýyn geçilmegi bellemeli.

**4-nji madda.** Türkmenistanyň 2016–2022-nji ýyllar üçin Döwlet býujetleriniň işlenip düzülmegini, olaryň seredilmegini, tassyklanylmagyny we ýerine ýetirilmegini “Býujet sistemasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrmaly.

**5-nji madda.** 2016–2022-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetleriniň düzüminde Türkmenistanyň synag ministrlikleriniň işlenip düzülmegi, seredilmegi, tassyklanylmagy we ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda amala aşyrylmaly býujetleri göz öňünde tutulmaly.

**6-njy madda.** Türkmenistanyň 2023-2025-nji ýyllar (meýilnama döwri) üçin Döwlet býujetiniň işlenip düzülmegini, seredilmegini, tassyklanylmagyny we ýerine ýetirilmegini Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda amala aşyrmaly.

**7-nji madda.** 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan şu aşakdakylary güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli:

1996-njy ýylyň 18-nji iýunyndaky “Býujet sistemasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1996 ý., № 1-2, 2-nji madda);

2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki “Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek we güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň XVII bölümini (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 33-nji madda).

**8-nji madda.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir ýylyň dowamynda:

1) Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň düzgünleriniň amala aşyrylmagy boýunça çäreleri kesgitlemeli;

2) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyk getirmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*

*2014-nji ýylyň 1-nji marty.*

*№ 37-V.*

# TÜRKMENISTANYŇ BÝUJET KODEKSI

*Türkmenistanyň Býujet kodeksi Türkmenistanyň býujet ulgamynyň guralyşynyň we hereket edişiniň umumy ýörelgelerini belleýär, Türkmenistanda býujet işiniň we býujetara gatnaşyklarynyň esaslaryny kesgitleýär.*

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji bap. Umumy düzgünler

#### 1-nji madda. Şu Kodeksde ulanylýan esasy düşünjeler

1. Şu Kodeksde şu esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **býujet** – döwlet wezipelerini we işlerini maliýe taýdan üpjün etmek üçin niýetlenen pul serişdeleriniň emele getirilmeginiň we harajat edilmeginiň görnüşi;

2) **býujet amallary** – girdejileri geçirmek, çykdajylary maliýeleşdirmek boýunça amallar hem-de býujeti ýerine ýetirmegiň barşynda amala aşyrylýan beýleki amallar;

3) **býujet çykdajylary** – býujetiň döwlet häkimiýet edaralarynyň, şol sanda döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň wezipeleriniň we işleriniň maliýe taýdan üpjün edilmegine gönükdirilýän pul serişdeleri;

4) **býujet edarasy** – Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralary, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan dolandyryş, durmuş-medeni, ylmy-tehniki ýa-da täjirçilik häsiýeti bolmadyk başga wezipeleriň amala aşyrylmagy üçin döredilen, işi degişli býujetden borçnamalar we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalary esasynda maliýeleşdirilýän edara;

5) **býujetiň girdejileri** – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet häkimiýet edaralarynyň, şol sanda döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň ygtyýaryna muzdsuz we yzyna gaýtarylmasyz esasda gelip gowuşýan, döwletiň aktiwleriniň arassa gymmatynyň artmagyna getirýän pul serişdeleri;

6) **býujet işi** – döwlet häkimiýet edaralarynyň, şol sanda döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň, şeýle hem býujet işine beýleki gatnaşyjylaryň býujet ulgamynyň ähli derejesinde býujetleriň taslamalarynyň düzülmegi we olara seredilmegi, olaryň tassyklanylmagy, ýerine ýetirilmegi we döwlet maliýe gözegçiligi boýunça Türkmenistanyň býujet kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýän işi;

7) **býujet maýa goýum taslamasy** – bellenen döwrüň dowamynda durmuşa geçirilýän, gutarnykly häsiýeti bolan we täze desgalary döretmäge (gurmaga) ýa-da hereket edýän desgalaryň durkuny täzelemäge, desganyň çykdajy sanawyna girmedik enjamlary, maşynlary we mehanizmleri satyn almaga, şeýle hem maglumat ulgamlaryny döretmäge, ornaşdyrmaga we ösdürmäge gönükdirilen çäreleriň jemi;

8) **býujet maýa goýumlary** –ykdysady bähbit almak ýa-da durmuş-ykdysady netijäni gazanmak maksady bilen, döwletiň aktiwleriniň gymmatynyň artdyrylmagyna, tebigy serişdeleriň gaýtadan dikeldilmegine gönükdirilen maliýeleşdirmek işi;

9) **býujet maksatnamalaryny dolandyryjy** – býujet maksatnamalarynyň meýilnamalaşdyrylmagyna, esaslandyrylmagyna, durmuşa geçirilişine we netijeleriň gazanylmagyna jogapkär döwlet edarasy;

10) **býujet serişdeleri** – döwlet eýeçiligine gelip gowuşmagy we harajat edilişi býujetde pul görnüşinde görkezilýän döwletiň maliýe we beýleki aktiwleri;

11) **býujet serişdelerini alyjylar** – býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň üstünden býujet serişdelerini alýan we olary býujet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine peýdalanýan býujet edaralary, şeýle hem fiziki we beýleki ýuridik şahslar;

12) **býujetiň ýerine ýetirilişine kassalaýyn hyzmat etmek** – serişdeleriň kassa arkaly býujetiň girdejilerine gelip gowuşmagy we býujet çykdajylaryny kassanyň üstünden geçirmek boýunça amallar we olary hasaba almak;

13) **döwletiň aktiwleri** – döwlet emlägini emele getirýän maýalaryň jemi;

14) **döwlet edarasy** – döwlet (merkezi) derejesinde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ykdysadyýetiň degişli pudaklarynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça işi utgaşdyrmagy amala aşyrýan Türkmenistanyň ministrligi ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edarasy, ýerli derejede - ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň tabynlygyndaky müdirlikler we bölümler;

15) **girdejileri paýlamagyň ölçegi (normatiw)** – girdejileri dürli derejedäki býujetleriň arasynda paýlamagyň göterimlerde bellenýän ölçegi;

16) **hasabat maliýe ýyly** – dowam edýän maliýe ýylynyň öň ýanyndaky ýyl;

17) **netije görkezijileri** – býujet maksatnamalarynyň göni we ahyrky netijeleriniň jemi, ol býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň orta möhletli meýilnamany we býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça işini häsiýetlendirýär;

18) **nobatdaky maliýe ýyly** – dowam edýän maliýe ýylyndan soňky gelýän ýyl;

19) **maliýe ýyly** – senenama ýylynyň 1-nji ýanwaryndan başlap, 31-nji dekabrynda tamamlanýan döwür;

20) **maýa goýum teklibi** – býujet maýa goýum taslamasynyň býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan işlenip taýýarlanýan degişli çäreleriň ählisini goşmak bilen, taslamanyň maksadyny, ony amala aşyrmagyň ýollaryny görkezýän konsepsiýasy;

21) **meýilnama döwri** – dowam edýän maliýe ýylynyň soň ýanyndaky üç maliýe ýyly;

22) **öndürilmedik aktiwler** – tebigy aktiwler we jemgyýetçilik gurluşynyň önümleri. Tebigy aktiwler ýeri, ýeriň astyndaky gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny, çäklere girýän açyk suwlardaky balyk serişdelerini (gorlaryny), şeýle hem oňa bolan eýeçilik hukugy hukuk ygtyýarlygy bilen üpjün edilen halatlarynda elektromagnit spektrini öz içine alýar. Jemgyýetçilik gurluşynyň önümleri patentleri we kärende şertnamalaryny öz içine alýar;

23**) takyklanan býujet** – Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mundan beýläk, şeýle-de Türkmenistanyň Hökümeti, döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň çözgütleriniň esasynda, şu Kodeksde bellenen tertipde tassyklanan býujetiň görkezijilerine girizilýän üýtgetmeler hasaba alnan býujet;

24**) tassyklanan býujet** – Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da ýerli wekilçilikli edara tarapyndan degişli meýilnama döwri üçin tassyklanan býujet;

25) **transfertler** – subsidiýalar, grantlar, durmuş kömek pullary we pul we haryt (natural) görnüşde amala aşyrylýan gaýry çykdajylar:

*a) subsidiýalar* – önümçiligiň derejesine täsir etmek maksady bilen, şeýle hem bahalaryň we tarifleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi bilen baglanyşykly emele gelýän ýitgileriň öwezini dolmak üçin býujet serişdeleriniň hasabyna ýuridik şahslara gündelik muzdsuz berilýän tölegler;

*b) grantlar* – býujet edarasy tarapyndan degişli döwlet edarasyndan, daşary ýurt döwletleriniň hökümetlerinden, halkara guramalaryndan alynýan hökmany bolmadyk gündelik we düýpli transfertler, şeýle hem Türkmenistanyň býujet ulgamynyň bir derejesinden beýleki derejesine muzdsuz esasda berilýän býujetara transfertler;

*ç) meýletin transfertler, grantlardan başgasy* – fiziki şahslardan we halkara guramalaryndan başga döwlete dahylsyz ýuridik şahslardan peşgeşler we meýletin haýyr-sahawat görnüşinde gelip gowuşýan gündelik we düýpli transfertler;

*d) durmuş kömek pullary* – raýatlaryň aýry-aýry toparlaryny durmuş taýdan goramak maksady bilen berilýän döwlet kömek pullary;

*e) gaýry çykdajylar* – "Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda aýry-aýry döwürlerde raýatlaryň aýry-aýry toparlary üçin býujet serişdeleriniň hasabyna tölenýän pensiýa gatançlary, döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy maksatnamasynyň daşyndan raýatlaryň aýry-aýry toparlaryna tölenýän şahsy pensiýalar, durmuş taýdan goldaw bermek boýunça kömek pullary;

26) **Türkmenistanyň býujet ulgamy** – ähli derejedäki býujetleriň ykdysady gatnaşyklara we Türkmenistanyň döwlet gurluşyna esaslanýan jemi.

2. Şu Kodeksdäki beýleki düşünjeler Türkmenistanyň raýat we başga kanunçylygynda, şeýle hem şu Kodeksiň degişli maddalarynda kesgitlenen manysynda peýdalanylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**2-nji madda. Türkmenistanyň býujet kanunçylygy**

1.Türkmenistanyň býujet kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kodeksden, Türkmenistanyň býujet hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat.

2. Döwlet häkimiýet edaralarynyň, şol sanda döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň býujet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary Türkmenistanyň Býujet kodeksine çapraz gelmeli däldir, olar çapraz gelen halatynda Türkmenistanyň Býujet kodeksinde bellenen kadalar ulanylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**3-nji madda. Türkmenistanyň Býujet kodeksi bilen düzgünleşdirilýän hukuk gatnaşyklary**

1. Türkmenistanyň Býujet kodeksi býujet hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň arasynda:

a) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetleriniň girdejilerini emele getirmegiň we çykdajylary amala aşyrmagyň, döwlet we ýerli nesýeleri amala aşyrmagyň, döwlet bergisine hyzmat etmegiň;

b) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetleriniň taslamalaryny düzmegiň we olara seretmegiň, Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetlerini tassyklamagyň we ýerine ýetirmegiň, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň,

barşynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

2. Türkmenistanyň Býujet kodeksi býujet işine gatnaşyjylaryň hukuk derejesini, olaryň Türkmenistanyň býujet kanunçylygyny bozandygy üçin jogapkärçilige çekilmeginiň tertibini we şertlerini belleýär.

**4-nji madda. Türkmenistanyň býujet kanunçylygynyň**

**hereket edýän çygry**

1. Şu Kodeksiň hereketi Türkmenistanyň çäginde ýüze çykýan býujet hukuk gatnaşyklaryna degişlidir.

2. Döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralarynyň býujet hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän namalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň çäginde hereket edýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**2-nji bap. Türkmenistanyň býujet ulgamy**

**5-nji madda. Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ýörelgeleri**

Türkmenistanyň býujet ulgamy şu ýörelgelere esaslanýar:

1) bitewülik ýörelgesi – Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ýeke-täkligi ýeke-täk hukuk binýady bilen, ýeke-täk pul ulgamy bilen, býujet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň ýeke-täk tertibi bilen, ýeke-täk býujet toparlanmasy bilen, býujet işini amala aşyrmagyň ýeke-täk düzgünleri bilen, býujetleri ýerine ýetirmegiň, buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmagyň, hasabatlylygyň düzülmeginiň we berilmeginiň ýeke-täk tertibi bilen, Türkmenistanyň býujet kanunçylygynyň bozulandygy üçin ýeke-täk jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagy bilen üpjün edilýär;

2) býujetleriň girdejilerini we çykdajylaryny doly görkezmek ýörelgesi – ähli girdejileriň we çykdajylaryň degişli býujetlerde hökmany tertipde we doly möçberde görkezilmegi.

Salgytlary tölemegiň möhletini yza süýşürmek we salgytlary hem beýleki hökmany tölegleri möhletlere bölüp tölemek býujetleriň girdejileri boýunça dolulygyna hasaba alynýar, dowam edýän maliýe ýylynyň çägindäki salgytlar hem beýleki hökmany tölegler boýunça salgydy tölemegiň möhletini yza süýşürmek we möhletlere bölüp tölemek muňa degişli däldir;

3) anyklaşdyryş ýörelgesi – býujetleriň girdejileri we çykdajylary olarda Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň gurluş düzümine laýyklykda görkezilýär;

4) aýdyňlyk ýörelgesi – Türkmenistanyň býujet kanunçylygy babatynda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem döwletiň fiskal syýasatyna degişli maglumatlary çap etmek, döwlet syry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda goralýan beýleki syr bolup durýan maglumatlar muňa degişli däldir;

5) netijelilik ýörelgesi – býujetleriň döwlet edaralarynyň strategik meýilnamalarynda göz öňünde tutulan netije görkezijilerini gazanmagyň zerurlygyndan ugur almak bilen, düzülmegi we ýerine ýetirilmegi;

6) peýdalylyk ýörelgesi – býujetleriň býujet serişdeleriniň çäkli möçberini peýdalanmak bilen has gowy göni netijäni üpjün etmegiň zerurlygyndan ugur almak bilen, düzülmegi we ýerine ýetirilmegi;

7) býujetleriň özbaşdaklygy ýörelgesi:

a) döwlet häkimiýet edaralarynyň, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň Türkmenistanyň býujet ulgamynyň degişli derejesinde, şu Kodeksde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, býujet işini özbaşdak amala aşyrmak, býujet serişdelerini harajat etmegiň görnüşlerini we ugurlaryny özbaşdak kesgitlemek hukugy we borjy, beýleki býujetlerden berilýän grantlaryň hasabyna maliýe üpjünçiligi amala aşyrylýan çykdajylar muňa degişli däldir;

b) degişli býujetleriň girdejileriniň we olary emele getirmek boýunça ygtyýarlyklaryň kanunçylyk taýdan berkidilmegi;

8) deňeçerlik ýörelgesi – býujetiň çykdajylarynyň möçberiniň girdejileriň möçberi bilen deňeçer gelmegi;

9) jogapkärçilik ýörelgesi – netije görkezijileriniň hem-de býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň we býujet edaralarynyň we býujet serişdelerini alýan hojalyk ýörediji subýektleriň ýolbaşçylarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän çözgütleri kabul edendikleri üçin jogapkärçiliginiň üpjün edilmegini gazanmaga gönükdirilen zerur bolan dolandyryş we edara ediş çözgütleriniň kabul edilmegi;

10) býujet serişdeleriniň salgylaýynlyk we maksatlaýyn häsiýetlilik ýörelgesi – býujet serişdeleriniň döwlet edaralarynyň strategik meýilnamalarynda göz öňünde tutulan netije görkezijileriniň gazanylmagy üçin býujet maksatnamalaryny dolandyryjylara gönükdirilmegi we olaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda peýdalanylmagy.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**6-njy madda. Türkmenistanyň býujet ulgamynyň gurluş düzümi**

Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetlerine şular degişlidir:

1) Türkmenistanyň Döwlet býujeti we Merkezleşdirilen býujet;

2) ýerli býujetler, olara şular degişlidir:

a) welaýatyň, Aşgabat şäheriniň, etrabyň, etrap hukukly şäheriň býujeti;

b) şäherdäki etrabyň býujeti;

ç) etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň býujeti.

**7-nji madda. Býujetleriň hukuk görnüşi**

Türkmenistanyň Döwlet býujeti Türkmenistanyň Kanuny görnüşinde tassyklanýar, ýerli býujetler döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralarynyň çözgütleri görnüşinde tassyklanýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**8-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet býujeti**

1. Türkmenistanyň Döwlet býujeti döwletiň meýilnama döwri üçin maliýe meýilnamasy bolup durýar, onda gelip gowuşmaly girdejileriň we döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini üpjün edýän çykdajylaryň maliýeleşdirilmeli möçberleri, maýa goýum we innowasion işiň maliýeleşdirilişi kesgitlenýär.

2. Türkmenistanyň Döwlet býujeti Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň serişdelerini (olaryň arasyndaky býujetara grantlary hasaba almazdan) öz içine alýar.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Merkezleşdirilen býujetiň hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň býujetleriniň arasynda paýlanylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**9-njymadda. Merkezleşdirilen býujet**

1. Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujeti – umumydöwlet wezipelerini hem-de döwlet häkimiýeti edaralarynyň işini maliýe taýdan üpjün etmek üçin niýetlenen pul serişdelerini emele getirmegiň we harajat etmegiň görnüşidir.

2. Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejileri Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen salgytlaryň we beýleki gelip gowuşýan serişdeleriň hasabyna emele getirilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**10-njymadda. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy**

1. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy döwletiň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek, ykdysadyýetiň uglewodorod bölegine baglylygyny, amatsyz daşarky ýagdaýlaryň täsirini peseltmek we geljekki nesilleriň milli maddy we tebigy baýlyga bolan hukugyny kepillendirmek üçin niýetlenýär.

2. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy maliýe aktiwlerini we başga emlägi (mundan beýläk – maliýe aktiwleri) öz içine alýar.

**11-nji madda. Ýerli býujetler**

1. Ýerli býujet - döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň wezipeleriniň we işleriniň maliýe taýdan üpjün edilmegi üçin niýetlenen pul serişdelerini emele getirmegiň we harajat etmegiň görnüşi.

2. Welaýatyň býujetiniň, Aşgabat şäheriniň, etrabyň, etrap hukukly şäheriň, şäherdäki etrabyň býujetleriniň girdejileri Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen salgytlaryň we beýleki gelip gowuşýan serişdeleriň hasabyna emele getirilýär.

Welaýatyň býujetiniň girdejileri meýilnama döwri üçin welaýatyň býujeti hakynda welaýatyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň çözgüdine laýyklykda welaýatyň býujetiniň we etrabyň, etrap hukukly şäheriň býujetleriniň arasynda paýlanylýar.

Aşgabat şäheriniň býujetiniň girdejileri meýilnama döwri üçin Aşgabat şäheriniň býujeti hakynda Aşgabat şäheriniň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň çözgüdine laýyklykda Aşgabat şäheriniň býujetiniň we şäherdäki etraplaryň býujetleriniň arasynda paýlanylýar.

Etrabyň (etrap hukukly şäheriň) býujetiniň girdejileri meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň) býujeti hakynda etrabyň (etrap hukukly şäheriň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň çözgüdine laýyklykda etrabyň (etrap hukukly şäheriň) býujetiniň we etraplardaky şäherleriň (şäherdäki etraplaryň), şäherçeleriň we geňeşlikleriň býujetleriniň arasynda paýlanylýar.

3. Etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň býujetleriniň girdejileri Geňeşiň çykdajy borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin onuň üstüne ýüklenen wezipelere we borçlara laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen gelip gowuşýan serişdeleriň hasabyna emele getirilýär. Etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň býujeti degişli etrabyň býujetiniň düzüminde tassyklanýar. Geňeş tarapyndan çykdajy borçnamalaryny

ýerine ýetirmek üçin pul serişdelerini emele getirmegiň we harajat etmegiň başga görnüşleriniň peýdalanylmagyna ýol berilmeýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**12-nji madda. Maksatlaýyn döwlet gaznalary**

1. Döwlet býujetiniň düzüminde maksatlaýyn döwlet gaznalary döredilip bilner, olar Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen döredilýär.

2. Maksatlaýyn döwlet gaznalary diýip maksatlaýyn girdejileriň ýa-da girdejileriň anyk görnüşlerinden maksatlaýyn geçirimleriň, gelip gowuşýan beýleki serişdeleriň hasabyna emele getirilýän döwlet gaznalarynyň serişdelerine we maksatlaýyn ýörite pul serişdelerine (mundan beýläk - maksatlaýyn döwlet gaznalary) düşünilýär.

3. Maksatlaýyn döwlet gaznalary raýatlaryň pensiýa üpjünçiligine, işsizlik ýagdaýynda durmuş goragyna, saglygyny goramaga we saglygy goraýyş hyzmatyna bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmek üçin, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdine laýyklykda beýleki maksatlar üçin niýetlenýär.

**13-nji madda. Adatdan daşary döwlet býujeti**

1. Türkmenistanyň çäginde adatdan daşary ýagdaý düzgüni girizilen halatynda şu Kodeksiň 56-njy maddasyna laýyklykda Adatdan daşary döwlet býujeti emele getirilýär.

2. Adatdan daşary döwlet býujetiniň hereket edýän döwründe meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň we degişli döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralarynyň ýerli býujet hakynda çözgütleriniň hereketi togtadylýar.

3. Adatdan daşary döwlet býujeti adatdan daşary ýagdaý düzgüni girizilen möhletiň dowamynda hereket edýär.

4. Adatdan daşary döwlet býujetiniň hereketiniň bes edilmegi bilen, şu Kodeksde bellenen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetini we ýerli býujetleri takyklamak geçirilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**3-nji bap. Býujetiň gurluş düzümi**

**14-nji madda.Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň gurluş düzümi**

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň gurluş düzümi şu bölümlerden durýar:

1) Esasy girdejiler:

a) salgytlar;

b) grantlar;

ç) maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň girdejileri;

d) beýleki esasy girdejiler.

2) Esasy çykdajylar:

a) işgärleriň zähmet haklary;

b) harytlary we hyzmatlary peýdalanmak;

ç) esasy maýany sarp etmek;

d) göterimler;

e) subsidiýalar;

ä) grantlar;

f) maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň çykdajylary;

g) durmuş kömek pullary;

h) beýleki esasy çykdajylar.

3) Amallar tapawudy (saldosy).

4) Maliýe däl aktiwler bilen amallar:

Maliýe däl aktiwleriň arassa satyn alynmagy:

4.1) maliýe däl aktiwleriň satylmagy:

a) esasy gaznalar;

b) maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklary;

ç) gymmatlyklar;

d) öndürilmedik aktiwler;

4.2) maliýe däl aktiwleriň satyn alynmagy:

a) esasy gaznalar;

b) maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklary;

ç) gymmatlyklar;

d) öndürilmedik aktiwler.

5) Arassa karzlaşdyrmak/nesýe (artykmaçlyk/ýetmezçilik);

6) Maliýe aktiwleri we borçnamalary bilen amallar (maliýeleşdirmek):

6.1) Maliýe aktiwleriniň arassa satyn alynmagy:

a) içerki;

b) daşarky.

6.2) Borçnamalaryň arassa kabul edilmegi:

a) içerki;

b) daşarky.

**15-nji madda. Býujetleriň esasy girdejileri**

1. Býujetleriň esasy girdejileri Türkmenistanyň býujet, salgyt we beýleki kanunçylygyna laýyklykda emele getirilýär.

2. Býujetleriň esasy girdejilerinde umumydöwlet ýa-da sebitleýin ähmiýeti bolan çäreleriň maksatlaýyn maliýeleşdirilmegi üçin Türkmenistanyň býujet ulgamynyň beýleki býujetlerine geçirilýän girdejiler bölekleýin merkezleşdirilip bilner.

3. Esasy girdejileriň düzüminde maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň girdejileri aýratyn hasaba alynýar. Görkezilen girdejiler maksatlaýyn bolup durýar.

4. Beýleki esasy girdejiler – salgytlar ýa-da grantlar ýaly topara bölünmeýän ähli girdeji amallary:

1) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgytlar we ýygymlar tölenenden soň emläkden alnan girdejiler;

2) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgytlar we ýygymlar tölenenden soň býujet edaralary tarapyndan edilýän tölegli hyzmatlardan alnan girdejiler;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, raýat-hukuk, administratiw we jenaýat jogapkärçiligi çäreleriniň ulanylmagy netijesinde alnan serişdeler, şol sanda jerimeler, puşmana tölegleri, öwezini dolmalar, muzdsuz almalar;

4) Türkmenistana ýetirilen zeleliň öwezine alnan serişdeler we beýleki mejbury almalar;

5) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete transfertleriň gelip gowuşmagyny goşmak bilen, grant bolup durmaýan transfertler we meýletin transfertler;

6) döwlet paçlaryny goşmak bilen, gaýry girdejiler.

**16-njymadda. Emläkden alynýan girdejiler**

Emläkden alynýan girdejilere şular degişlidir:

1) döwlet eýeçiligindäki emlägiň wagtlaýyn peýdalanmaga berlendigi üçin kärende tölegi ýa-da başga bir töleg görnüşinde alynýan serişdeler;

2) karz edaralaryndaky hasaplardaky býujet serişdeleriniň galyndylary boýunça göterim görnüşinde alynýan serişdeler;

3) döwlet eýeçiligindäki emlägi ynanyp dolandyrmaga bermekden alynýan serişdeler;

4) hojalyk we paýdarlar jemgyýetleriniň esaslyk maýalaryndaky paýa düşýän peýda ýa-da Türkmenistana degişli bolan paýnamalar boýunça diwidendler görnüşindäki girdejiler;

5) salgytlar we beýleki hökmany tölegler tölenenden soň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän möçberde döwlet kärhanalarynda galýan peýdanyň bir bölegi;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, döwlet eýeçiligindäki emlägi peýdalanmakdan alynýan başga girdejiler.

**17-nji madda. Býujetleriň esasy çykdajylary**

1. Býujetleriň esasy çykdajylary şu Kodeksiň 14-nji maddasynyň 2-nji bendinde görkezilen görnüşler boýunça gaýtarylmazlyk esasynda amala aşyrylýar.

Şunda:

1) işgärleriň zähmet haklary üçin çykdajylar işgärlere olaryň zähmeti üçin pul görnüşindäki töleglerdir;

2) harytlaryň we hyzmatlaryň peýdalanylmagy döwlet wezipeleriniň, ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagy we olardan gelip çykýan döwlet hyzmatlarynyň edilmegi üçin zerur bolan harytlaryň we hyzmatlaryň doly gymmatydyr;

3) esasy maýany sarp etmek hasabat döwrüniň dowamynda fiziki taýdan könelmäniň, tebigy könelmäniň we tötänden zeper ýetmegiň netijesinde esasy gaznalaryň ätiýaçlyklarynyň gymmatynyň azalmagydyr;

4) göterimler depozitleriň, paýnamalardan başga gymmatly kagyzlaryň, karzlaryň we nesýeleriň peýdalanylmagy bilen bagly çykdajylardyr.

5) pul görnüşinde alamatlandyrylan subsidiýalar görnüşindäki çykdajylar;

6) pul ýa-da haryt görnüşinde alamatlandyrylan grantlar görnüşindäki çykdajylar;

7) maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň çykdajylary şu gaznalaryň maksatlaýyn çykdajylary bolup durýar;

8) durmuş (döwlet) kömek pullary üçin çykdajylar raýatlaryň aýry-aýry toparlaryny durmuş taýdan goramak maksady bilen, olara pul görnüşinde tölenýän töleglerdir;

9) beýleki esasy çykdajylar şulary öz içine alýar:

a) eýeçilik bilen baglanyşykly, çykdajylaryň başga toparlaryna degişli edilmedik ähli çykdajy amallary, göterimler muňa degişli däldir;

b) bir döwlet dolandyryş edaralarynyň başga döwlet dolandyryş edaralaryna salýan jerimeleri we puşmana tölegleri;

ç) gaýry çykdajylara degişli edilýän gündelik we düýpli transfertler;

d) ömrüň ätiýaçlandyrylmagy bilen bagly bolmadyk ätiýaçlandyryş baýraklary we talaplary;

e) şu Kodeksiň 79-njy maddasyna laýyklykda, býujet edaralary tarapyndan tölegli hyzmatlaryň guralmagy we edilmegi bilen baglanyşykly çykdajylar.

2. Döwlet kömek pullary, subsidiýalar Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda berilýär.

**18-nji madda. Amallar tapawudy (saldosy)**

1. Amallar tapawudy býujetiň esasy girdejileri bilen esasy çykdajylarynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenýär.

2. Býujetiň esasy girdejilerinden esasy çykdajylarynyň artyk gelýän möçberi oňyn däl (otrisatel) amal tapawudy bolup durýar.

3. Býujetiň esasy çykdajylaryndan esasy girdejileriniň artyk gelýän möçberi oňyn (položitel) amal tapawudy bolup durýar.

**19-njymadda. Maliýe däl aktiwleriň arassa satyn alynmagy**

1. Maliýe däl aktiwleriň arassa satyn alynmagy maliýe däl aktiwleriň satyn alynmagy bilen satylmagynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

2. Maliýe däl aktiwlere esasy serişdeler, maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklary, gymmatlyklar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda topara bölünýän öndürilmedik aktiwler degişlidir.

**20-nji madda. Arassa karzlaşdyrmak/nesýe (artykmaçlyk/ýetmezçilik)**

1. Arassa karzlaşdyrmak/nesýe maliýe aktiwleri we borçnamalary bilen amallaryň arassa netijesine (maliýeleşdirmek) hem deň bolan maliýe däl aktiwleriň arassa satyn alynmagy aýrylandan soňky amal tapawudyna deňdir.

Oňyn (položitel) alamat bilen alnan ululyk – býujetiň artykmaçlygy, oňyn däl (otrisatel) alamaty bolan ululyk býujetiň ýetmezçiligi bolup durýar.

2. Býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin çeşmeler şulardan ybarat:

1) döwletiň – içerki we daşarky nesýeleriniň serişdeleri;

2) býujet serişdeleriniň depozitlerden gaýtarylmagy, gymmatly kagyzlaryň satylmagynyň netijesinde gelip gowşan serişdeler;

3) şu Kodeksde kesgitlenilen şertleriň berjaý edilmegi bilen, býujet serişdeleriniň erkin galyndylary;

4) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan transfertler.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýetmezçiligine diňe Merkezleşdirilen býujetde ýol berlip bilner.

**21-nji madda. Maliýe aktiwleri we borçnamalary bilen amallar (maliýeleşdirmek)**

1. Maliýe aktiwleri we borçnamalary bilen amallar amala gatnaşýan maliýe gurallarynyň görnüşleri we aktiwi ýa-da borçnamany saklaýjynyň dahyllylyk degişliligi boýunça topara bölünýär.

Maliýe gurallaryna pul we depozitler, gymmatly kagyzlar (paýnamalardan başgalary), karzlar we nesýeler, paýnamalar we maýa gatnaşmagyň başga görnüşleri, döredilen maliýe gurallary, gaýry algylar (bergiler) degişlidir.

2. Maliýe aktiwleriniň arassa satyn alynmagy – bu maliýe aktiwleriniň satyn alynmagy bilen olaryň çykyp gitmeginiň arasyndaky tapawutdyr.

Maliýe aktiwleriniň artmagyna getirýän ähli amallar maliýe aktiwleriniň satyn alynmagy bolup durýar.

Maliýe aktiwleriniň azalmagyna getirýän ähli amallar maliýe aktiwleriniň çykyp gitmegi bolup durýar.

3. Borçnamalaryň arassa kabul edilmegi – bu borçnamalaryň kabul edilmegi we üzülmeginiň arasyndaky tapawutdyr.

Borçnamalaryň artmagyna getirýän ähli amallar borçnamalary kabul etmek hasap edilýär.

Borçnamalaryň azalmagyna getirýän ähli amallar borçnamalaryň üzülmegi hasap edilýär.

4. Maliýe aktiwleriniň satyn alynmagy we olaryň çykyp gitmegi, borçnamalaryň kabul edilmegi we üzülmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**4-nji bap. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyk serişdeleriwe olaryň ulanylmagy**

**22-nji madda. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyk serişdeleri**

1. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyk serişdeleri degişlilikde Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň düzüminde, olary öňünden görüp bolmaýandygy sebäpli görkezilen býujetlerde göz öňünde tutulmadyk we dowam edýän maliýe ýylynda maliýeleşdirilmegini talap edýän çykdajylary maliýeleşdirmek üçin döredilýär.

2. Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk serişdeleri Merkezleşdirilen býujetde göz öňünde tutulýar we şulary öz içine alýar:

1) adatdan daşary ýagdaýlar üçin ätiýaçlyk serişdeleri (gazna);

2) gaýragoýulmasyz çykdajylar üçin ätiýaçlyk serişdeleri;

3) kazyýetleriň çözgütleri boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üçin ätiýaçlyk serişdeleri;

4) Merkezleşdirilen býujetiň, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleriniň kassalaýyn deň gelmezliklerini ýapmak üçin ätiýaçlyk serişdeleri.

3. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ätiýaçlyk serişdeleri degişli ýerli býujetlerde göz öňünde tutulýar we şulary öz içine alýar:

1) gaýragoýulmasyz çykdajylar üçin ätiýaçlyk serişdeleri;

2) kazyýetiň çözgütleri boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üçin ätiýaçlyk serişdeleri;

3) etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, etrapdaky şäherleriň býujetleriniň kassalaýyn deň gelmezliklerini ýapmak üçin ätiýaçlyk serişdeleri.

4. Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk serişdeleriniň umumy möçberi meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda bellenilýär.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň ätiýaçlyk serişdeleriniň umumy möçberi döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň degişli býujet hakyndaky kararynda bellenilýär we transfertleri we nesýeleri hasaba almanyňda, ýerli býujete gelip gowuşýan serişdeleriň möçberiniň iki göteriminden köp bolmaly däldir.

5. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyklaryndan serişdeleri bölüp bermek dowam edýän maliýe ýyly üçin Merkezleşdirilen býujetde ýa-da ýerli býujetlerde tassyklanan pul möçberleriniň çäklerinde, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň kararlarynyň esasynda amala aşyrylýar, olar maliýe ýyly tamamlanandan soň güýjüni ýitirýär.

6. Ätiýaçlyk serişdeleriniň görkezilen görnüşleriniň biriniň serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda Türkmenistanyň Hökümeti ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy bellenen tertipde, Türkmenistanyň Hökümetiniň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň ätiýaçlyklarynyň görnüşleriniň arasynda gaýtadan paýlamak arkaly ätiýaçlyk serişdesiniň şu görnüşiniň meýilnamalaýyn görkezijilerini artdyrýar.

7. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyklaryndan serişdeleriň gaýragoýulmasyz çykdajylar we kazyýetleriň çözgütleri boýunça borçnamalary ýerine ýetirmek üçin bölünip berilmegine dowam edýän maliýe ýylynyň dekabr aýynyň 20-sinden soň ýol berilmeýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**23-nji madda. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyk serişdelerinipeýdalanmak**

1. Adatdan daşary ýagdaýlar üçin ätiýaçlyk serişdeleri tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini ýok etmek üçin peýdalanylýar.

Adatdan daşary ýagdaýlar üçin ätiýaçlyk serişdeleri Türkmenistan tarapyndan beýleki döwletlere grant görnüşinde ynsanperwerlik kömegini bermek üçin hem peýdalanylyp bilner.

2. Gaýragoýulmasyz çykdajylar üçin ätiýaçlyk serişdeleri dowam edýän maliýe ýyly üçin degişli býujetde göz öňünde tutulmadyk çäreleri maliýeleşdirmek üçin peýdalanylýar.

Ýerli býujetde göz öňünde tutulan gaýragoýulmasyz çykdajylar üçin ätiýaçlyk serişdeleri zerur bolan halatlarda, tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini ýok etmek üçin peýdalanylyp bilner.

3. Kazyýetiň çözgütleri boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üçin ätiýaçlyk serişdeleri Türkmenistanyň Hökümetiniň, döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň merkezi edaralarynyň we olaryň býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän ýerli edaralarynyň, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin peýdalanylýar.

4. Kassalaýyn deň gelmezlikleri ýapmak üçin ätiýaçlyk serişdelerinden nesýeleriň alynmagy ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan maliýe ýylynyň çäklerinde amala aşyrylyp bilner we Merkezleşdirilen ýa-da ýerli býujetleriň takyklanmagyny (gaýtadan seredilmegini) talap etmeýär.

Kassalaýyn deň gelmezlikleri ýapmak üçin nesýe almagyň şertleri we onuň üçin ýüztutmanyň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenýär.

5. Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk serişdeleriniň möçberini artdyrmak zerurlygy ýüze çykan halatynda, meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna şu Kodeksiň 82-nji maddasynda bellenilen tertipde üýtgetmeler girizilýär.

6. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň ätiýaçlyk serişdelerini artdyrmak zerurlygy ýüze çykanda bu edaranyň ýüz tutmagy boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýerli býujete Merkezleşdirilen býujetden goşmaça serişdeleri bölüp bermek baradaky meselä seredýär.

7. Türkmenistanyň Hökümetiniň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň ätiýaçlyklaryndan bölünip berlen serişdeleriň peýdalanylmadyk bölegi dowam edýän maliýe ýylynyň 31-nji dekabryna çenli degişli býujete gaýtarylmaga degişlidir.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**5-nji bap. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy**

**24-nji madda. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň wezipeleri**

1. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy süýşürintgi we durnuklaşdyryş wezipelerini ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň süýşürintgiler wezipesini ýerine ýetirýän bölegi geljek nesilleriň gaznasy bolup durýar we gaznanyň maliýe aktiwlerini toplamak we uzak möhletli geljekde olaryň girdejililigini üpjün etmek ýoly bilen emele getirilýär.

Gaznanyň durnuklaşdyryş wezipesi onuň aktiwleriniň geçginlilik derejesini saklamak üçin niýetlenendir. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň durnuklaşdyryş wezipesini amala aşyrmak üçin peýdalanylýan bölegi Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete transfertiň möçberinde kesgitlenýär.

2. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdelerini emele getirmek we peýdalanmak maliýe-ykdysady ýagdaýyň we Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň hasaba alynmagy bilen, makroykdysady we fiskal durnuklylygy üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylýar.

3. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyna serişdeleriň gelip gowuşmagy we olaryň harajat edilmegi milli pulda hem, daşary ýurt pulunda hem amala aşyrylyp bilner.

Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň amallary boýunça buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak, maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

4. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyny dolandyrmak şu Kodeksiň 27-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**25-nji madda, Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilmegi**

Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleri şularyň hasabyna emele getirilýär:

1) 81-nji maddanyň bäşinji bölegine laýyklykda Merkezleşdirilen býujetiň artykmaçlyk möçberiniň bir böleginiň;

2) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň dolandyrylmagyndan alnan maýa goýum girdejileriniň;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik başga girdejileriň.

**26-njymadda. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdelerini peýdalanmagyň tertibi**

1. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleri şular ýaly peýdalanylyp bilner:

1) gaznanyň durnuklaşdyryş böleginiň serişdeleri:

a) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýyly üçin ösüş býujet maksatnamalaryny (kiçi maksatnamalaryny) durmuşa geçirmek üçin transfert görnüşinde;

b) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi bilen kesgitlenen maksatlar üçin berilýän maksatlaýyn transfert görnüşinde;

ç) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyny dolandyrmak boýunça çykdajylaryň maliýeleşdirilmegi üçin;

d) Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdine laýyklykda başga maksatlar üçin;

2) gaznanyň süýşürintgi böleginiň serişdeleri:

Türkmenistanyň Prezidentiniň ylalaşygy boýunça uzak möhletli geljekde maýa goýum girdejilerini almak maksady bilen, girdejililigi ýokary bolan uzak möhletli maliýe gurallaryna ýerleşdirilip bilner.

2. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýyly üçin transfertiň möçberi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenýär we hasabat maliýe ýylynyň ahyryndaky ýagdaýa görä onuň aktiwleriniň durnuklaşdyryş böleginiň üçden bir böleginden ýokary bolmaly däldir.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň teklibi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete transfertiň hasabat maliýe ýylynda geçirilmedik pul möçberini hasabat maliýe ýylynda Merkezleşdirilen býujetde tassyklanan býujet maksatnamalaryny maliýeleşdirmek üçin dowam edýän maliýe ýylynda peýdalanmaga rugsat etmäge haky bardyr, ýöne bu pul möçberi dowam edýän maliýe ýylynyň başyndaky ýagdaýa görä býujet serişdeleriniň galyndylaryny hasaba almak bilen, degişli býujet maksatnamalary boýunça bellige alnan tölenmedik borçnamalardan ýokary bolmaly däldir.

4. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň aktiwleriniň geljek nesilleriň gaznasyna degişli bölegi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýär.

Geljek nesilleriň gaznasyna gysga möhletli geçginlilik talaplary bildirilmeýär.

Geljek nesilleriň gaznasynyň serişdeleri töwekgelçiligiň iň pes derejesi bolan ýokary girdejili uzak möhletli maliýe gurallaryna goýlup bilner.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**27-nji madda. Durnuklaşdyryş gaznasynyň dolandyrylmagy**

1. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyny dolandyrmakTürkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleri bilen amallar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan ýörite hasabynda görkezilýär.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň girdejilerini artdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdelerini milli we daşary ýurt pulunda maliýe gurallaryna, pul depozitlerine we maýa goýumlaryň beýleki görnüşlerine maýa goýum görnüşinde gönükdirýär, şunda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän şu çäklendirmeler berjaý edilmelidir:

1) ýokary girdejili gymmatly kagyzlar we beýleki maliýe gurallary boýunça töwekgelçilikler üçin bellenen möçberi;

2) maýa goýumlaryň dowamlylygy babatynda bellenen möçberi;

3) sebitleriň maýa goýumlarynyň bellenen möçberi;

4) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň maýasynyň bir kompaniýa maýa goýum hökmünde gönükdirilýän göteriminiň bellenen möçberi;

5) maýa goýumlaryň netijeliligini we yzyna gaýtarylmagyny üpjün edýän beýleki bellenen möçberler.

4. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň ýyllyk maliýe hasabatlylygyna içerki audit barlagy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan onuň öz bellän tertibinde amala aşyrylýar.

5. Içerki audit barlagy boýunça hasabat Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**6-njy bap. Türkmenistanyň býujet toparlanmasy**

**28-nji madda. Türkmenistanyň býujet toparlanmasy baradadüşünje**

Türkmenistanyň býujet toparlanmasy – esasy girdejileriň, esasy çykdajylaryň, maliýe we maliýe däl aktiwler bilen amallaryň, şeýle hem Türkmenistanyň býujet ulgamynyň hasaplar meýilnamasynyň birmeňzeş alamatlar boýunça toparlara jemlenmegi.

**29-njy madda. Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň maksatlary we wezipeleri**

1. Türkmenistanyň býujet toparlanmasy býujetleri düzmek we ýerine ýetirmek, býujet hasabatlylygyny düzmek, ähli derejeleriň býujetleriniň deňeşdirip bolunmagyny üpjün etmek üçinpeýdalanylýar.

2. Türkmenistanyň býujet toparlanmasywe hasaplar meýilnamasy býujeti ortaça möhlete meýilnamalaşdyrmagyň, býujetleşdirmegiň maksatnamalaýyn-maksatly usulynyň we Ýeke-täk gazna hasabynyň amallaryny goldamagyň wezipelerine, şeýle hem buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyk gelýär.

3. Türkmenistanyň býujet toparlanmasyTürkmenistanyň býujet ulgamy üçin ýeke-täk we hökmany bolup durýar.

4. Türkmenistanyň býujet toparlanmasyTürkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**7-nji bap. Býujet maksatnamalary**

**30-njy madda. Býujet maksatnamasy**

1. Býujet maksatnamasy – Merkezleşdirilen we (ýa-da) ýerli býujetleriň çykdajylarynyň, býujet maksatnamasynyň dolandyryjysy tarapyndan onuň maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda işiň ölçenilýän netijeleriniň gazanylmagyna gönükdirilmegi.

Býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin çykdajylar degişli býujetde göz öňünde tutulýar.

2. Býujet maksatnamalary býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň strategik ugurlaryndan, maksatlaryndan we wezipelerinden ugur alnyp işlenip düzülýär we birmeňzeş döwlet wezipeleri, ygtyýarlyklary we döwlet hyzmatlary ýa-da býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň ugurlary boýunça toparlara bölünýär.

3. Býujet maksatnamasynda onuň durmuşa geçirilmeginiň göni we ahyrky netijeleriniň görkezijileri göz öňünde tutulýar.

Býujet maksatnamalarynyň netijeleriniň döwlet edarasynyň ortaça möhlete niýetlenen býujet meýilnamasynda kesgitlenen maksatlarynyň we wezipeleriniň gazanylmagyna gönükdirilen görkejileri döwlet edarasynyň ortaça möhletli meýilnamasynyň netije görkezijilerine laýyk gelmelidir.

4. Berlen işleri ýerine ýetirýän we hyzmatlary edýän býujet edarasynyň işine gazanylmagy doly bagly bolan göni netije býujet serişdeleriniň göz öňünde tutulan çäklerinde durmuşa geçirilýän döwlet wezipeleriniň we döwlet tarapyndan edilýän hyzmatlaryň möçberiniň mukdar häsiýetini kesgitlemelidir.

5. Ahyrky netije anyk döwlet edarasynyň ýa-da býujet edarasynyň işiniň göni netijeleriň gazanylmagy bilen şertlendirilen, ilatyň ýaşaýşynyň derejesiniň we hiliniň ýagdaýyny (ýagdaýynyň üýtgeýşini), jemgyýetçilik howpsuzlygynyň üpjün edilişini, durmuş ulgamynyň, döwlet dolandyryşynyň beýleki ulgamlarynyň we ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüş derejesini görkezmelidir.

6. Býujet maksatnamasy kiçi býujet maksatnamalary üçin býujet maksatnamasynyň netije görkezijileriniň hem ulanarlykly bolan şertinde, býujet serişdelerini harajat etmegiň ugurlaryny anyklaşdyrýan kiçi maksatnamalara bölünip biler.

7. Býujet maksatnamalaryny (kiçi maksatnamalary) işläp taýýarlamagyň tertibi we olaryň mazmunyna bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**31-nji madda. Býujet maksatnamalarynyň görnüşleri**

1. Döwlet dolandyryşynyň derejesine baglylykda býujet maksatnamalarynyň şu görnüşleri bolýar:

1) Merkezleşdirilen býujetiň düzüminde tassyklanýan döwlet býujet maksatnamalary;

2) ýerli býujet maksatnamalary:

a) welaýatyň, Aşgabat şäheriniň býujetiniň düzüminde tassyklanýan welaýatyň, Aşgabat şäheriniň býujet maksatnamalary;

b) etrabyň (etrap hukukly şäheriň) býujetiniň düzüminde tassyklanýan etrabyň (etrap hukukly şäheriň) býujet maksatnamalary;

ç) etrabyň býujetiniň düzüminde tassyklanýan şäherdäki etrabyň, Geňeşiň býujet maksatnamalary.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen býujet maksatnamalary şu aşakdakylara bölünýärler:

1) durmuşa geçirilmeginiň usulyna baglylykda:

a) býujet maksatnamasynyň bir dolandyryjysy tarapyndan durmuşa geçirilýän – aýratyn býujet maksatnamasyna;

b) býujet maksatnamalarynyň anyk dolandyryjysynyň, serişdeleri dowam edýän maliýe ýylynyň dowamynda býujet maksatnamalarynyň dürli dolandyryjylarynyň arasynda paýlanylmaga degişli bolan – paýlanylýan býujet maksatnamasyna;

2) gündelik býujet maksatnamalaryna we ösüş býujet maksatnamalaryna.

3. Gündelik býujet maksatnamalary boýunça şu aşakdakylara çykdajylar göz öňünde tutulýar:

1) býujet edaralarynyň öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda fiziki we ýuridik şahslara döwlet hyzmatlaryny etmek boýunça işiniň üpjün edilmegine;

2) hemişelik häsiýeti bolmadyk çäreleriň maliýeleşdirilmegine;

3) býujet ulgamynyň býujetleriniň arasynda şertli grantlaryň berilmegine;

4) raýatlaryň aýry-aýry toparlaryna döwlet kömek pullarynyň we beýleki durmuş tölegleriniň maliýeleşdirilmegine;

5) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýuridik şahslara subsidiýalaryň berilmegine;

6) Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyk serişdeleriniň döredilmegine;

7) döwletiň borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegine (daşarky bergiler, Türkmenistanyň halkara guramalaryna gatnaşmagy, döwlet kepillendirmeleri we beýlekiler boýunça);

8) beýleki maksatlara.

Gündelik býujet maksatnamalarynyň maliýeleşdirilmeginiň möçberine gündelik we düýpli çykdajylar goşulýar.

Düýpli çykdajylara býujet edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak, düýpli (dikeldiş) abatlaýyş işlerini geçirmek bilen bagly çykdajylar we Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna laýyklykda býujet maýa goýumlaryndan başga gaýry çykdajylar degişlidir.

4. Ösüş býujet maksatnamalaryna býujet maýa goýumlarynyň amala aşyrylmagyny, şeýle hem döwletiň ýuridik şahslaryň esaslyk maýasyna gatnaşmagyny göz öňünde tutýan maksatnamalar degişlidir.

5. Gündelik býujet maksatnamalarynyň çäklerindäki döwlet hyzmatlarynyň edilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna, döwlet hyzmatlarynyň sanawyna goşulan döwlet hyzmatlarynyň standartlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

6. Döwlet hyzmatlarynyň standartlary edilýän döwlet hyzmatlaryna bellenilýän talap bolup, döwlet hyzmatyny etmegiň düzgünininiň, mazmunynyň, görnüşleriniň we netijesiniň häsiýetnamasyny öz içine alýan talaplary belleýän kadalaşdyryjy hukuk resminamasy bolup durýar.

Döwlet hyzmatlarynyň standartlary Türkmenistanyň degişli ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**32-nji madda. Býujet maksatnamalarynyň dolandyryjysy**

Şular býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylary bolup durýarlar:

1) döwlet häkimiýet edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary;

2) ýokarda durýan döwlet dolandyryş edarasy bolmadyk býujet edaralary;

3) öz işini hojalyk hasaplaşygy ýörelgelerinde amala aşyrýan, býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin býujetden maksatlaýyn serişdeleri alýan aýry-aýry ykdysady subýektler;

4) Türkmenistanyň býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin býujetden maksatlaýyn serişdeleri alýan jemgyýetçilik birleşikleri.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**33-nji madda. Döwletiň býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylary**

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen wezipelerine laýyklykda döwlet häkimiýet edaralary, şeýle hem şu Kodeksiň 32-nji maddasynda görkezilen beýleki edaralar döwletiň býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylary bolup durýarlar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**34-nji madda. Ýerli býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylary**

Degişli häkimlikler, olar tarapyndan ygtyýarly edilen pudaklaýyn müdirlikler we bölümler (bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we beýlekiler), Geňeşler, Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän çäklerdäki edaralary ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar bolup durýarlar.

## II BÖLÜM. BÝUJETARA GATNAŞYKLAR WE OLARYŇ DÜZGÜNLEŞDIRILMEGINIŇ GÖRNÜŞLERI

### 8-nji bap. Býujetara gatnaşyklar

**35-nji madda. Býujetara gatnaşyklar barada umumy düzgünler**

1. Býujet işinde şu aşakdakylaryň arasyndaky gatnaşyklar býujetara gatnaşyklar bolup durýar:

1) Merkezleşdirilen býujet bilen welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleriniň;

2) Merkezleşdirilen býujet bilen Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň;

3) Merkezleşdirilen býujet bilen Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň;

4) welaýatlaryň býujetleri bilen etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň) býujetleriniň;

5) şäheriň býujeti bilen şäherdäki etraplaryň býujetleriniň;

6) etrabyň býujeti bilen Geňeşleriň býujetleriniň.

2. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça, tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda, döwlet ýa-da halkara ähmiýetli çäreler geçirilende welaýatlaryň (Aşgabat şäheriniň) býujetleriniň arasynda býujetara gatnaşyklar amala aşyrylyp bilner.

3. Býujetara gatnaşyklar döwlet dolandyryşynyň derejeleriniň arasynda wezipeleriň bölünişine laýyklykda amala aşyrylýar we Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ýörelgelerine we býujetara gatnaşyklara esaslanýar.

4. Dowam edýän maliýe ýylynyň býujetiniň ýerine ýetirilýän döwründe aşakda durýan býujetleriň esasy girdejileriniň we (ýa-da) esasy çykdajylarynyň artmagyna we (ýa-da) esasy girdejileriniň azalmagyna getirýän we şu maliýe ýylynda ýerine ýetirilmäge degişli bolan kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilen ýagdaýynda aşakda durýan býujetleriň ýitgileriniň öwezi dolunýar.

5. Dowam edýän maliýe ýylynyň býujetiniň ýerine ýetirilýän döwründe döwlet dolandyryşynyň aşakda durýan döwlet edaralarynyň wezipelerini, işgär sanynyň bellenen möçberlerini (limitlerini) bermek bilen baglanyşykly ýokarda durýan býujetiň esasy çykdajylarynyň artmagyna getirýän we şu maliýe ýylynda ýerine ýetirilmäge degişli bolan kanunçylyk namalary kabul edilen ýagdaýynda ýokarda durýan býujetleriň ýitgileriniň öwezi dolunýar.

**36-njy madda. Býujetara gatnaşyklaryň ýörelgeleri**

Býujetara gatnaşyklar şu ýörelgelere esaslanýar:

1) Merkezleşdirilen býujetiň welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleri bilen, welaýatlaryň býujetleriniň etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň) býujetleri bilen, şäherleriň býujetleriniň şäherdäki etraplaryň býujetleri bilen özara gatnaşyklarynyň deňligi;

2) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň belli bir býujetleri boýunça býujetleriň esasy girdejileriniň çäklendirilmegi we berkidilmegi;

3) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň belli bir býujetleri boýunça býujetleriň esasy çykdajylarynyň çäklendirilmegi we berkidilmegi;

4) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetleriniň iň pes býujet üpjünçiliginiň derejeleriniň deňleşdirilmegi.

## 9-njy bap. Býujetara gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegi

### 37-nji madda. Býujetara gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmeginiň görnüşleri

1. Merkezleşdirilen býujet bilen welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleriniň arasyndaky, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleri bilen etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň) býujetleriniň arasyndaky gatnaşyklar: girdejileriň paýlanylmagynyň kadalyk ölçegleri, býujetara grantlar we subsidiýalar bilen düzgünleşdirilýär.

2. Býujetara grantlar gündelik we düýpli grantlara bölünýän şertsiz (umumy häsiýetli) grantlara, şertli (maksatlaýyn) grantlara bölünýär.

3. Merkezleşdirilen býujet bilen Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň arasyndaky býujetara gatnaşyklar Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

### 38-nji madda. Býujetara şertsiz grantlar

1. Býujetara şertsiz grantlar (deňleşdiriji grantlar) – peýdalanmagyň kesgitlenen şertleri goýulmazdan berilýän we döwlet häkimiýetiniň ýerli edaralarynyň wezipelerini ýerine ýetirmekleri bilen bagly gündelik çykdajylarynyň ödelmegi üçin gönükdirilýän grantlar.

2. Býujet dotasiýalary we býujet alynmalary deňleşdiriji grantlar bolup durýar.

3. Merkezleşdirilen býujetden welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetlerine, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetlerinden, degişlilikde, etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň), şäherdäki etraplaryň býujetlerine degişli býujetlerde tassyklanan pul möçberlerinde berilýän býujet serişdeleri býujet dotasiýalary bolup durýar.

4. Welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetlerinden Merkezleşdirilen býujete, etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň), şäherdäki etraplaryň býujetlerinden degişlilikde welaýatlaryň, şäherleriň býujetine degişli býujetlerde tassyklanan pul möçberlerinde berilýän býujet serişdeleri býujet alynmalary bolup durýar.

5. Şertsiz grantlaryň pul möçberleri ýyllar boýunça bölmek bilen, meýilnama döwri üçin absolýut derejede bellenilýär.

6. Deňleşdiriji grantlar sebitleriň býujet üpjünçiliginiň derejesini deňlemäge we Türkmenistanyň býujet ulgamynda býujetiň her bir derejesine berkidilen esasy

çykdajylaryň ugurlaryna laýyklykda döwlet hyzmatlarynyň standart derejesiniň berilmegi üçin mümkinçilikleri üpjün etmäge gönükdirilýär.

7. Şertsiz grantlaryň pul möçberi kesgitlenilende sebitiň salgyt mümkinçiligi, sebitdäki döwlet hyzmatlaryny sarp edijileriň sany, döwlet hyzmatlarynyň standartlary we ol ýa-da beýleki sebitiň aýratynlygyna baglylykda döwlet hyzmatlaryny etmek boýunça çykdajylara täsir edýän ýagdaýlar hasaba alynýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**39-njy madda. Býujetara şertsiz grantlaryň pul möçberiniň hasaplanylmagy**

1. Býujetara şertsiz grantlaryň pul möçberi degişli ýerli býujetiň esasy girdejileriniň çak edilýän möçberi bilen (şertsiz grantlar aýrylanda) onuň esasy çykdajylarynyň çak edilýän möçberiniň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

2. Ýerli býujetiň esasy girdejileriniň çak edilýän möçberi onuň esasy çykdajylarynyň çak edilýän möçberinden artyk gelen ýagdaýynda ýerli býujetden ýokarda durýan býujete geçirilmeli býujet alynmalary bellenilýär.

Ýerli býujetiň esasy çykdajylarynyň çak edilýän möçberi onuň esasy girdejileriniň çak edilýän möçberinden artyk gelen ýagdaýynda ýokarda durýan býujetden ýerli býujete býujet dotasiýalary bellenilýär.

3. Býujetara şertsiz grantlaryň pul möçberini hasaplamagyň usulyýeti, olaryň geçirilmeginiň tertibi we döwürleýinligi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**40-njymadda. Býujetara şertli grantlar we olaryň berlişiniň şertleri**

1. Býujetara şertli grantlar – ylalaşylan şertler we olar ýerine ýetirilmedik halatynda göz öňünde tutulan jerimeler esasynda ýokarda durýan býujetden aşakda durýan býujetlere berilýän býujet serişdeleri.

2. Býujetara şertli grantlar gündelik býujet maksatnamalaryny, ösüş býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, şeýle hem şertli grantlar hasaplanylanda göz öňünde tutulmaýan, 35-nji maddanyň dördünji we bäşinji böleklerine laýyklykda, öwezlik tölegleri tölemek boýunça belli bir maksatlaýyn çykdajylary amala aşyrmak üçin degişli býujetde tassyklanan pul möçberlerinde berilýär.

3. Ösüş üçin býujetara şertli grantlar ýokarda durýan býujetden aşakda durýan býujetlere döwlet we ýerli býujet maksatnamalary boýunça býujet maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi üçin gönükdirilýär.

Durmuşa geçirilmegi üçin ýokarda durýan býujetden ösüş üçin şertli grantlar bölünip berilýän ýerli býujet maýa goýum taslamalarynyň ýerli býujetden bilelikde maliýeleşdirilmegine ýol berilýär.

4. Ýokarda durýan býujetden býujetara şertli grantlar şularyň esasynda geçirilýär:

1) aşakda durýan býujetleriň arasynda býujetara şertli grantlaryň umumy pul möçberiniň paýlanyşyny tassyklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň;

2) býujetara şertli grantlar boýunça netijeler barada ylalaşyklaryň;

3) bellenilen tertipde tassyklanan, degişli býujet maksatnamasyny tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamasynyň;

4) aşakda durýan býujetiň býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň býujetara şertli grantlar boýunça tölegleriniň esaslydygyny tassyklaýan resminamalaryň.

5. Býujetara şertli grantlar ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan degişli býujet maksatnamalarynda kesgitlenilen maksatlaýyn wezipesine laýyklykda peýdalanylýar.

6. Býujetara şertli grantlaryň maksatlaýyn wezipesine laýyklykda peýdalanylmadyk pul möçberleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenilen tertipde görkezilen pul möçberlerini bölüp beren býujete yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

7. Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk serişdelerinden bölünip berlenden başga, Merkezleşdirilen býujetden bölünip berlen býujetara şertli grantlaryň maliýe ýylynyň dowamynda peýdalanylmadyk möçberleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen, olaryň maksatlaýyn wezipesiniň berjaý edilmegi bilen, nobatdaky maliýe ýylynda peýdalanylyp bilner.

Welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ätiýaçlyk serişdelerinden başga, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetinden bölünip berlen býujetara şertli grantlaryň maliýe ýylynyň dowamynda peýdalanylmadyk möçberleri welaýatyň, Aşgabat şäheriniň häkiminiň çözgüdi boýunça olaryň maksatlaýyn wezipesiniň berjaý edilmegi bilen, nobatdaky maliýe ýylynda peýdalanylyp bilner.

Maliýe hasabat ýylynda bölünip berlen býujetara şertli grantlaryň maliýe ýylynyň dowamynda peýdalanylmadyk, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň häkiminiň çözgüdi boýunça peýdalanmaga rugsat edilen möçberleri şu maliýe ýylynyň 31-nji dekabryna çenli olary bölüp beren býujete gaýtarylmaga degişlidir.

8. Býujetara şertli grantlar boýunça netijeler hakynda ylalaşygyň işlenip düzülmeginiň, olaryň geçirilmeginiň, gazanylan göni we ahyrky netijeler barada hasabatyň

düzülmeginiň we berilmeginiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**IIIBÖLÜM. BÝUJETIŇ DÜZÜLMEGI,SEREDILMEGI WE TASSYKLANYLMAGY**

**10-njy bap. Býujeti düzmegiň esaslary**

**41-nji madda. Umumy düzgünler**

1. Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetleriniň düzülmegi şu Kodekse we onuň esasynda kabul edilýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň we sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasynyň we Türkmenistanyň Maýa goýum maksatnamasynyň esasynda amala aşyrylýar.

2. Býujeti düzmegiň barşynda şular işlenip düzülýär:

1) meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy, ýerli häkimýetiň wekilçilikli edarasynyň ýerli býujet hakynda çözgüdiniň taslamasy;

2) döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalary;

3) býujet maksatnamalarynyň taslamalary.

**42-nji madda. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasynyň işlenipdüzülmegi**

1. Meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasy indikatiw häsiýetde bolýar we ol ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň meseleleri boýunça strategik we orta möhletli maksatnamalaýyn resminamalaryň hasaba alynmagy bilen işlenip düzülýär.

2. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasy şulary öz içine almalydyr:

1) döwlet derejesinde – Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny, ýurt boýunça meýilnama döwri üçin makroykdysady görkezijileriň we sosial ölçegleriniň bellenilmegi bilen;

2) ýerli derejede – sebitiň meýilnama döwri üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny.

3. Türkmenistanyň we sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýän tertipde we möhletlerde, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hem-de ýerli maliýe edaralary tarapyndan döwlet häkimiýet we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň gatnaşmagynda her ýylda üýtgäp duryan esasda işlenip düzülýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda )*

**43-nji madda. Býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasy**

1. Býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasy Türkmenistanyň, sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň taslamasynyň esasynda meýilnama döwri üçin işlenip düzülýär we ol şulary öz içine almalydyr:

1) döwlet derejesinde:

a) Türkmenistanyň salgyt-býujet syýasatynyň esasy ugurlaryny we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we Merkezleşdirilen býujetiniň esasy görkezijilerini;

b) döwletiň býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylary boýunça çykdajylaryň çak edilýän möçberlerini;

2) ýerli derejede:

a) salgyt-býujet syýasatynyň esasy ugurlaryny we ýerli býujetiň esasy görkezijilerini;

b) ýerli býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylary boýunça çykdajylaryň çak edilýän möçberlerini.

2. Býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we ýerli maliýe edaralary tarapyndan merkezi döwlet dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň gatnaşmagynda her ýylda üýtgäp duryan esasda işlenip düzülýär we degişli döwlet edaralarynyň we býujet maksatnamalarynyň dolandyryjylarynyň dykgatyna ýetirilýär.

Býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasyny işläp düzmegiň tertibi we möhletleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**44-nji madda. Döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasynyň taslamasy**

1. Döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasy durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilen netijeleriň gazanylmagyna getirýän döwlet edarasynyň işiniň esasy ugurlaryny, maksatlaryny, wezipelerini, görkezijilerini kesgitleýän resminama bolup, ol meýilnama döwri üçin maliýeleşdirmegiň möçberleri bolan býujet maksatnamalaryny öz içine alýar.

2. Döwlet edarasynyň meýilnama döwri üçin orta möhletli meýilnamasynyň taslamasy Türkmenistanyň strategik we orta möhletli resminamalarynyň, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasy we býujet ölçeglериniň (parametrleriniň) çaklamasy esasynda üç ýyl üçin işlenip düzülýär.

3. Döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek şu ýagdaýlarda geçirilýär:

1) orta möhletli meýilnamanyň görkezijileriniň üýtgemegine getirýän Türkmenistanyň kanunlary kabul edilende ýa-da Türkmenistanyň hereket edýän kanunlaryna üýtgetmeler girizilende;

2) täze milli we pudaklaýyn maksatnamalar kabul edilende;

3) döwlet edarasynyň wezipeleri, gurluş düzümi üýtgände;

4) netije görkezijileriniň gazanylmagyna täsir edýän býujetleriň ölçegleri üýtgände;

Döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende, şol sanda býujetiň takyklanylmagy bilen bagly üýtgetmeler girizilende orta möhletli meýilnamalary işläp düzmek we býujetleri takyklamak üçin şu Kodeksde bellenen talaplar berjaý edilýär.

4. Orta möhletli meýilnamany işläp düzmegiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda )*

**45-nji madda. Amallar meýilnamasy**

1. Döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasyny durmuşa geçirmek üçin amallar meýilnamasy işlenip düzülýär.

Amallar meýilnamasy döwlet edarasynyň meýilnama döwrüniň birinji ýylynda tassyklanylan orta möhletli meýilnamanyň durmuşa geçirilmegi üçin gönükdirilen, serişdeler, jogapkär ýerine ýetirijileriň görkezilmeginde çäreleriň amala aşyrylmaly möhletleri bilen baglanyşdyrylan anyk hereketlerini özünde jemleýän resminama bolup durýar.

2. Amallar meýilnamasy her ýylda işlenip düzülýär we dowam edýän maliýe ýylynyň 10-njy ýanwaryna çenli döwlet edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar.

**46-njymadda. Býujetiň esasy girdejileriniň meýilnamalaşdyrylmagy**

Býujetiň esasy girdejileriniň meýilnamalaşdyrylmagy degişli meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň we býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasynyň esasynda, Türkmenistanyň salgyt, býujet we beýleki kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**47-nji madda. Býujetiň esasy çykdajylarynyň meýilnamalaşdyrylmagy**

1. Býujetiň esasy çykdajylarynyň meýilnamalaşdyrylmagy binýatlyk çykdajylar we täze başlangyçlar üçin çykdajylar boýunça aýratynlykda amala aşyrylýar.

2. Hemişelik häsiýetdäki çykdajylar, düýpli çykdajylar, şeýle hem dowam edýän býujet maýa goýum taslamalary üçin çykdajylar binýatlyk çykdajylar bolup durýar.

Döwlet hyzmatlaryny etmek we döwletiň beýleki borçnamalary bilen baglanyşykly çykdajylar hemişelik häsiýetdäki çykdajylar bolup durýarlar.

3. Şu çykdajylar täze başlangyçlar üçin çykdajylara degişlidir:

1) durmuş-ykdysady ösüşiň býujet maksatnamalarynda strategik we orta möhletli meýilnamalara laýyklykda nobatdaky maliýe ýylyndan maliýeleşdirilmegi göz öňünde tutulýan täze ugurlarynyň durmuşa geçirilmegine çykdajylar;

2) makroykdysady we durmuş görkezijileriniň üýtgemegi bilen bagly bolmadyk we ýerine ýetirilýän býujet maksatnamalarynyň çäklerinde býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň wezipeleriniň giňelmegi we olar tarapyndan edilýän döwlet hyzmatlarynyň möçberiniň artmagy bilen baglanyşykly býujetiň goşmaça çykdajylaryny göz öňünde tutýan binýatlyk çykdajylaryň köpeldilmegine gönükdirilýän çykdajylar.

Şu bende laýyklykda býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň täze başlangyçlary üçin çykdajylaryny meýilnamalaşdyrmak goşmaça býujet serişdelerini bölüp bermegiň, şeýle hem býujet maksatnamalaryny şu dolandyryjynyň geçen meýilnama döwri üçin göz öňünde tutulan binýatlyk çykdajylarynyň serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmagynyň hasabyna amala aşyrylýar.

4. Býujetiň çykdajylarynyň meýilnamalaşdyrylmagy üçin degişli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar seretmek üçin şulary berýärler:

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ýa-da ýerli maliýe edarasyna – döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasynyň taslamasyny ýa-da tassyklanan orta möhletli meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri, býujet ýüztutmalaryny we meýilnama döwri üçin orta möhletli meýilnamanyň taslamasyny ýa-da Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýa-da ýerli maliýe edarasynyň netijenamalaryny hasaba almak bilen gutarnykly işlenen, tassyklanan orta möhletli meýilnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri.

Orta möhletli meýilnamalary işläp düzmeýän býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ýa-da ýerli maliýe edarasyna býujet ýüztutmalaryny we meýilnama döwri üçin býujet maksatnamalarynyň taslamalaryny berýärler.

Netijelere baha bermek geçirilen halatlarynda şu bentde görkezilen resminamalara baha bermegiň netijeleri goşulýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda )*

**48-nji madda. Býujet ýüztutmasy**

1. Býujet ýüztutmasy nobatdaky meýilnama döwri üçin göz öňünde tutulýan çykdajylaryň möçberlerini esaslandyrmak üçin, býujet maksatnamalaryny dolandyryjy tarapyndan düzülýän resminamalaryň jeminden ybarat.

2. Býujet ýüztutmasy şulary özünde jemleýär:

1) her bir býujet maksatnamasy boýunça çykdajylaryň görnüşleri boýunça hasaplamalary;

2) donorlardan dowam edýän maliýe ýylynyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä alnan we peýdalanylan grantlar barada maglumaty;

3) býujet edaralary tarapyndan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmeginden alynjak girdejileriň we olary ýerlemek üçin çykdajylaryň çaklamasyny;

4) düşündiriş ýazgysyny;

5) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýa-da ýerli maliýe edarasynyň soramagy boýunça beýleki zerur bolan maglumatlary.

3. Býujet ýüztutmasyna düşündiriş ýazgysy meýilnama döwri üçin serişdeleriň harajat ediljek esasy ugurlaryny, yglan edilen býujet maksatnamalarynyň beýanyny, binýatlyk çykdajylaryň we täze başlangyçlar üçin çykdajylaryň esaslandyrmasyny, geçen meýilnama döwrüniň býujet maksatnamalary boýunça gazanylan netije görkezijileriniň seljermesini öz içine alýar.

4. Býujet maksatnamalaryny dolandyryjy meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň býujet ölçeglериniň (parametrleriniň) çaklamasynda onuň özi üçin göz öňünde tutulan görkezijilere laýyklykda we býujet serişdeleriniň möçberiniň çäklerinde býujet ýüztutmasyny berýär.

5. Býujet maksatnamalaryny dolandyryjy býujet ýüztutmasynda bar bolan maglumatlaryň we hasaplamalaryň doly we dogry bolmagyny üpjün edýär.

6. Býujet ýüztutmasyny düzmegiň we bermegiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**49-njy madda. Döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalaryna ýa-da olaryň tassyklanan orta möhletli meýilnamalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplere, şeýle hem býujet maksatnamalarynyň we býujet ýüztutmalarynyň taslamalaryna seretmek**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edaralary döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalaryna ýa-da tassyklanylan orta möhletli meýilnamalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerine olaryň strategik we orta möhletli maksatnama resminamalaryna, durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ugurlaryna we býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasyna, Türkmenistanyň býujet we beýleki kanunçylygyna laýyk gelýändigi babatda seredýärler.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edaralary döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalaryna ýa-da tassyklanan orta möhletli meýilnamalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerine seretmegiň netijeleri boýunça netijenama taýýarlaýarlar we olary degişli döwlet edaralaryna iberýärler.

2. Döwlet edarasy ýokarda görkezilen edaralardan alnan netijenamalary hasaba almak bilen, orta möhletli meýilnamanyň taslamasyny ýa-da tassyklanan orta möhletli meýilnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri gutarnykly işleýär, býujet ýüztutmasyny düzýär we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ýa-da ýerli maliýe edarasyna berýär.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we ýerli maliýe edaralary:

1) býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet ýüztutmalaryna olaryň Türkmenistanyň býujet we beýleki kanunçylygyna, durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ugurlarynyň taslamasyna we býujet ölçegleriniň (parametrleriniň) çaklamasyna we döwlet hyzmatlarynyň standartlaryna;

2) orta möhletli meýilnamanyň taslamasynyň ýa-da tassyklanylan orta möhletli meýilnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleriň düzüminde berlen býujet maksatnamalarynyň görkezijilerine olaryň döwlet edarasynyň strategik maksatlary we wezipeleri bilen özara baglylygyna;

3) orta möhletli meýilnamalary işläp düzmeýän býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň taslamasynda berlen netije görkezijilerine olaryň býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň işiniň ugurlaryna we wezipelerine laýyk gelýändigi babatda seredýärler.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy býujet ýüztutmalaryna seretmegiň jemleri boýunça býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň çykdajylary boýunça netijenama taýýarlaýarlar.

4. Döwlet edarasy, býujet maksatnamalaryny dolandyryjy bilen Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýa-da ýerli maliýe edarasynyň arasynda býujetiň taslamasyny düzmek üçin berilýän görkezijiler babatda düşünişmezlikler boýunça netijenama, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrine iberilýär.

Düşünişmezlikler boýunça kabul edilen çözgütlere laýyklykda, döwlet edaralary, býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar orta möhletli meýilnamanyň taslamasyny ýa-da tassyklanan orta möhletli meýilnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri, býujet maksatnamalarynyň taslamalaryny we býujet ýüztutmalaryny gutarnykly işleýärler we degişlilikde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ýa-da ýerli maliýe edarasyna berýärler.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda )*

## 11-nji bap. Meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň we döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň ýerli býujet hakyndaky çözgüdiniň işlenip düzülmegi

### 50-nji madda. Meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň işlenip düzülmegi

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny işläp düzýär, onda şular göz öňünde tutulmalydyr:

1) esasy girdejileriň we çykdajylaryň, amallar tapawudynyň, maliýe däl aktiwler bilen amallaryň, arassa karzlaşdyrmagyň/nesýäniň (artykmaçlyk/ýetmezçilik), maliýe aktiwleri bilen amallaryň umumy pul möçberi.

Esasy girdejileriň we çykdajylaryň düzüminde maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň girdejileri we çykdajylary her bir gazna boýunça aýratynlykda göz öňünde tutulýar;

2) býujetara grantlaryň, subsidiýalaryň we beýleki transfertleriň pul möçberleri;

3) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete zerur bolan transfertiň pul möçberi;

4) esasy salgytlardan ýerli býujetlere geçirmeleriň kadalyk ölçegleri;

5) Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk serişdeleriniň pul möçberleri;

6) meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýyly üçin býujeti ýerine ýetirmegiň barşynda kesilmäge degişli bolmadyk býujet çykdajylarynyň goralan maddalarynyň sanawy.

Meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynda başga görkezijiler we düzgünler göz öňünde tutulyp bilner.

2. Meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetinde býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň her biri boýunça meýilnama döwrüniň ikinji we üçünji ýyllarynda täze çäreler üçin çykdajylar bir býujet maksatnamasy boýunça görkezilýär.

3. Meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň ýanyna şu resminamalar goşulýar:

1) Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň çaklamasy we Türkmenistanyň maýa goýum maksatnamasynyň taslamasy;

2) döwlet edaralarynyň-döwletiň býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamasy ýa-da tassyklanan orta möhletli meýilnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri;

3) orta möhletli meýilnamalary işläp taýýarlamaýan döwletiň býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalarynyň taslamalary;

4) şu maliýe ýylyndaky döwlet bergisiniň ýagdaýy baradaky maglumatlar;

5) meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasyna degişli düşündiriş ýazgysy.

4. Meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň artykmaçlygynyň/ýetmezçiliginiň möçberi pul manysynda we jemi içerki önüm babatda göterimlerde tassyklanylýar.

5. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi dowam edýän ýylyň 1-nji noýabryndan gijä galman meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**51-nji madda. Welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda kararynyň taslamasynyň işlenipdüzülmegi**

1. Welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) maliýe edarasy welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda kararynyň taslamasyny işläp düzýär we onda şular göz öňünde tutulmalydyr:

1) esasy girdejileriň we çykdajylaryň, amallar tapawudynyň, maliýe däl aktiwler bilen amallaryň umumy pul möçberi;

2) býujetara grantlaryň, subsidiýalaryň we beýleki transfertiň pul möçberleri;

3) esasy salgytlardan etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň), şäherdäki etraplaryň býujetlerine geçirmeleriň kadalaýyn ölçegleri;

4) welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň ätiýaçlyk serişdeleriniň möçberi;

5) meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen, meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýyly üçin ýerli býujeti ýerine ýetirmegiň barşynda kesilmäge degişli bolmadyk býujet çykdajylarynyň goralan maddalarynyň sanawlary.

Meýilnama döwri üçin welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda kararynyň taslamasynda başga görkezijiler we düzgünler göz öňünde tutulyp bilner.

2. Meýilnama döwri üçin welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda kararynyň taslamasynda býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň her biri boýunça meýilnama döwrüniň ikinji we üçünji ýyllarynda täze çäreler üçin çykdajylar bir býujet maksatnamasy boýunça görkezilýär.

3. Welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda kararynyň taslamasy bilen bir wagtda welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) maliýe edarasy şu resminamalary berýär:

1) döwlet edaralarynyň-ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalaryny ýa-da tassyklanan orta möhletli meýilnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri;

2) orta möhletli meýilnamalary işläp taýýarlamaýan ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalarynyň taslamalaryny;

3) meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň taslamasyna degişli düşündiriş ýazgysyny.

4. Welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) maliýe edarasy welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda kararynyň taslamasyny welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň garamagyna hödürleýär.

**52-nji madda. Etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň etrabyň (şäheriň) meýilnamadöwri üçin býujeti hakynda çözgüdiniň taslamasynyň işlenip düzülmegi**

1. Etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň maliýe edarasy etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň etrabyň (şäheriň) meýilnama döwri üçin býujeti hakynda çözgüdiniň taslamasyny işläp düzýär we onda şular göz öňünde tutulmalydyr:

1) esasy girdejileriň we çykdajylaryň, amallar tapawudynyň umumy pul möçberi;

2) býujetara grantlaryň, subsidiýalaryň we beýleki transfertleriň pul möçberleri;

3) meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen, meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň ýerine ýetirilmeginiň barşynda kesilmäge degişli bolmadyk ýerli býujet maksatnamalarynyň çykdajylarynyň goralan maddalarynyň sanawlary.

2. Meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň etrabyň (şäheriň) býujeti hakynda kararynyň taslamasynda býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň her biri boýunça meýilnama döwrüniň ikinji we üçünji ýyllarynda täze çäreler üçin çykdajylar bir býujet maksatnamasy boýunça görkezilýär.

3. Meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň etrabyň (şäheriň) býujeti hakynda kararynyň taslamasy bilen bir wagtda etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň maliýe edarasy şu resminamalary berýär:

1) döwlet edaralarynyň–ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalaryny ýa-da orta möhletli meýilnamalara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerini;

2) meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň taslamasyna degişli düşündiriş ýazgysyny.

4. Etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň maliýe edarasy meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň etrabyň (şäheriň) meýilnama döwri üçin býujeti hakynda kararynyň taslamasyny etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň garamagyna berýär.

**12-nji bap. Býujetleriň tassyklanylmagy**

**53-nji madda. Meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň tassyklanylmagy**

1. Türkmenistanyň Prezidenti meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasyny Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna we tassyklamagyna berýär.

2. Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň Mejlisiniň Dessurynda (reglamentinde) göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hödürlenen taslamasyna seredýär we meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny kabul edýär.

3. Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan nobatdaky maliýe ýyly başlanýança meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edilmese, onda onuň kabul edilýän pursatyna çenli her aýyň dowamynda meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýylynyň býujet maksatnamalary boýunça esasy çykdajylary maliýeleşdirmek geçen maliýe ýylynyň esasy çykdajylarynyň möçberiniň 12-den 1 bölegi derejede amala aşyrylýar.

4. Meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çap edilýär.

**54-nji madda. Meýilnama döwri üçin ýerli býujetleriňtassyklanylmagy**

1. Welaýatyň, Aşgabat şäheriniň ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň taslamasyny welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň garamagyna hödürleýär.

2. Etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň taslamasyny etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň garamagyna hödürleýär.

3. Meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasyna seretmek üçin degişli döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy şol edaranyň agzalaryndan iş toparyny döredýär.

Iş toparyna ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň wekilleri çekilip bilner.

4. Iş topary meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasy babatynda degişli hasaplamalar bilen esaslandyrylan düzedişler görnüşinde teklipleri we bellikleri işläp taýýarlaýar. Şunda iş toparynyň agzalarynyň teklipleri sebitiň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryna, döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynda göz öňünde tutulan maksatlara we wezipelere laýyk gelmelidir.

5. Iş topary döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasyna meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasy babatda esaslandyrylan düzedişleri berýär.

6. Döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň mejlisinde meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasy we iş topary tarapyndan işlenip taýýarlanan düzedişler ara alnyp maslahatlaşylýar.

Ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda degişli edara ediş-çäk birliginiň häkiminiň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan ygtyýar berlen adamyň (adamlaryň) meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasy baradaky çykyşy, şeýle hem döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy tarapyndan ygtyýar berlen adamyň (adamlaryň) meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasy boýunça netijenamasy diňlenilýär.

7. Welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujeti hakynda karary welaýat (Aşgabat şäher) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy tarapyndan kabul edilmelidir.

8. Meýilnama döwri üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň etrabyň (şäheriň) býujeti hakynda karary etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy tarapyndan kabul edilmelidir.

9. Eger döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy tarapyndan nobatdaky maliýe ýylynyň başlanýan wagtyna çenli meýilnama döwri üçin ýerli býujet hakynda karar kabul edilmese, onda onuň kabul edilýän pursatyna çenli çykdajylary maliýeleşdirmek şu Kodeksiň 53-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda amala aşyrylýar.

10. Döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralarynyň meýilnama döwri üçin ýerli býujetler hakynda kararlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çap edilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**55-nji madda. Gizlin býujet maksatnamalary**

Gizlin býujet maksatnamalary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet býujetinde göz öňünde tutulýar we oňa Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan seredilýär.

**13-nji bap. Türkmenistanyň Adatdan daşary döwlet býujetini işläp taýýarlamak we kabul etmek, onuň hereketini bes etmek**

**56-njy madda. Türkmenistanyň Adatdan daşary döwlet býujetini işläp taýýarlamak we kabul etmek, onuň hereketini bes etmek üçin esaslar**

1. Türkmenistanyň Adatdan daşary döwlet býujetini işläp taýýarlamak we kabul etmek ýa-da onuň hereketini bes etmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginde adatdan daşary ýagdaý düzgüniniň degişlilikde girizilmegi ýa-da ýatyrylmagy esas bolup durýar.

2. Türkmenistanyň bir ýa-da birnäçe edara ediş-çäk birlikleriniň çäklerinde bir wagtda adatdan daşary ýagdaýyň girizilmegi diňe adatdan daşary ýagdaýyň netijeleriniň ýurduň

milli bähbitlerine we ykdysady howpsuzlygyna hakyky howp döredip biljek halatynda Türkmenistanyň Adatdan daşary döwlet býujetini girizmek üçin esas bolup biler.

3. Türkmenistanyň Adatdan daşary döwlet býujeti Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan işlenip taýýarlanylýar we Türkmenistanyň Kanuny görnüşinde tassyklanylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

## IV BÖLÜM. BÝUJETIŇ ÝERINE ÝETIRILMEGI

### 14-nji bap. Býujetiň ýerine ýetirilişiniň umumy düzgünleri we ony ýerine ýetirmegiň ýörelgeleri

### 57-nji madda. Býujetiň ýerine ýetirilmeginiň umumy düzgünleri

1. Býujete girdejileriň gelip gowuşmagyny üpjün etmegiň, maliýe we maliýe däl aktiwler bilen amallary, şeýle hem dowam edýän maliýe ýylynda beýleki amallary amala aşyrmagyň esasynda, döwletiň wezipelerini we borçlaryny durmuşa geçirmek üçin býujet maksatnamalarynda göz öňünde tutulan çykdajylary maliýeleşdirmek býujeti ýerine ýetirmek bolup durýar.

2. Çykdajylar boýunça býujeti ýerine ýetirmek meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda ýa-da döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin ýerli býujet hakyndaky kararynda dowam edýän maliýe ýyly üçin tassyklanan býujet serişdeleriniň möçberleriniň çäklerinde amala aşyrylýar.

Meýilnama döwrüniň ikinji we (ýa-da) üçinji ýyllary üçin göz öňünde tutulan serişdeleriň dowam edýän maliýe ýylynda peýdalanylmagyna ýol berilmeýär.

3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilmegini gurnaýarlar.

4. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hem-de ýerli maliýe edarasy Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň, şeýle hem býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujeti ýerine ýetirmek boýunça işlerini utgaşdyrmagy amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi öz ygtyýarlygynyň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetini we ýerli býujetleri ýerine ýetirmegiň meselelerini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar, olary ýerine ýetirmek, býujet hasaba alnyşyny alyp barmak, hasabatlylygy

düzmek we bermek boýunça usulyýet ýolbaşçylygyny amala aşyrýar, býujeti ýerine ýetirmegiň we oňa kassalaýyn hyzmat etmegiň düzgünlerini kesgitleýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**58-nji madda. Býujetiň ýerine ýetirilmeginiň ýörelgeleri**

Býujetiň ýerine ýetirilmegi şu ýörelgelere laýyklykda amala aşyrylýar:

1) býujet serişdeleriniň maksatlaýyn peýdalanylmagy;

2) girdejileriň Türkmenistanyň Döwlet býujetine we ýerli býujetlere hem-de býujet serişdeleriniň olary alýanlaryň hasabyna doly we öz wagtynda geçirilmegi;

3) kassanyň ýeke-täkligi (Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilmegi boýunça amallaryň ýeke-täk gazna hasabyndan amala aşyrylmagy);

4) berginiň emele gelmegine ýol bermezlik maksady bilen, býujetiň girdejiler we çykdajylar boýunça deňeçer ýerine ýetirilmegi.

**15-nji bap. Býujetiň ýerine ýetirilmeginiň barşy**

**59-njy madda. Býujetiň ýerine ýetirilmeginiň guralyşy**

Býujetiň ýerine ýetirilmegi amala aşyrylanda şu aşakdaky resminamalar esasy bolup durýarlar:

1) şu Kodeks;

2) meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny ýa-da döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň ýerli býujet hakyndaky karary;

3) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň dowam edýän maliýe ýylynda kabul edýän we býujetiň ýerine ýetirilmegine täsir edýän çözgütleri;

4) döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalary;

5) býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalary;

6) şertli grantlar boýunça gazanylmagy göz öňünde tutulýan netijeler hakynda ylalaşyk;

7) borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy, degişli býujetler boýunça girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy;

8) býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamalary;

9) býujet edaralarynyň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalary;

10) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň býujetiň şu Kodekse laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalary.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**60-njy madda. Borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy,degişli býujetler boýunça girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy**

1. Merkezleşdirilen we ýerli býujetler boýunça borçnamalar babatda maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasynyň, girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasynyň düzülmegi, tassyklanylmagy we alnyp barylmagy degişlilikde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we ýerli maliýe edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Degişli býujet boýunça borçnamalar babatda maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň borçnamalary boýunça maliýeleşdiriş meýilnamalarynyň esasynda Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna laýyklykda düzülýär.

Býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň olar üçin niýetlenen býujet serişdeleriniň ýyllyk möçberleriniň çäklerindäki borçnamalary boýunça maliýeleşdiriş meýilnamalary býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň özleri we olaryň garamagyndaky býujet edaralary tarapyndan kabul edilýän borçnamalaryň her çärýek üçin möçberlerini kesgitleýär.

3. Girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy býujete girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça býujet maksatnamalaryny maliýeleşdirmegiň deňeçerlenen her çärýeklik meýilnamasyny kesgitleýän resminama bolup durýar.

Degişli býujetler boýunça girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy tarapyndan düzülýär.

Býujete girdejileriň gelip gowuşmagynyň jemleýji meýilnamasy şulary hasaba almak bilen düzülýär:

1) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan girdejileriň gelip gowuşmaly möhletlerini;

2) býujete geçen ýyllar üçin girdejileriň gelip gowşuş depgininiň seljerilmegi;

3) döwletiň gymmatly kagyzlarynyň girdejililik depgininiň we gymmatly kagyzlar bazarynda islegiň we teklipleriň derejesiniň seljerilmegi;

4) karz şertnamalarynyň, nesýe şertnamalarynyň, grantlar barada ylalaşyklaryň şertlerini.

Tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy, özlerine niýetlenen býujet serişdeleriniň ýyllyk möçberleriniň çäklerinde býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň gönüden-göni özlerine we olaryň garamagyndaky býujet edaralaryna kabul edilen borçnamalary ýerine ýetirmegiň hasabyna tölegleri amala aşyrmak üçin zerur bolan býujet serişdeleriniň her çärýek boýunça möçberlerini kesgitleýän, býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamalarynyň esasynda düzülýär.

Borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasynyň, girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasynyň ýyllyk möçberleri tassyklanan degişli býujetiň girdejileriniň we çykdajylarynyň möçberlerine laýyk gelmelidir.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**61-nji madda. Býujet edaralarynyň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalary. Býujet makstnamalaryny dolandyryjylaryň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamalary**

1. Býujet edaralarynyň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalary býujet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna laýyklykda düzülýär we býujet maksatnamalaryny dolandyryjylara olary tassyklamak we býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamalaryny düzmek üçin berilýär.

2. Býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamalary býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna, tassyklanylan býujet maksatnamalarynyň görkezijilerine laýyklykda düzülýär we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ýa-da ýerli maliýe edarasyna berilýär.

Býujet maksatnamalaryny dolandyryjy amallar meýilnamasyny öz wagtynda durmuşa geçirmek maksady bilen, meýilnamalaýyn görkezijileriň çärýekler boýunça paýlanmagyny üpjün edýär.

3. Býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy, girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasy, borçnamalar we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamalary, býujet edaralarynyň borçnamalary we tölegleri boýunça meýilnamalaşdyrmagyň aýratyn meýilnamalary meýilnama döwrüniň birinji ýyly üçin düzülýär we tassyklanýar.

4. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň teklipleri boýunça Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň aýry-aýry maddalary boýunça olaryň borçnamalar we tölegler boýunça we býujet maksatnamalarynyň kiçi maksatnamalary boýunça maliýeleşdiriş meýilnamalaryna býujet maksatnamalary boýunça çykdajylaryň ýyllyk we çärýeklik möçberleriniň çäklerinde üýtgetmeleri, şeýle hem býujet maksatnamalary boýunça çykdajylaryň çärýeklik möçberlerine üýtgetmeleri girizmäge haklydyr.

Býujet edaralarynyň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalaryna üýtgetmeleriň girizilmegi býujet maksatnamalaryny dolandyryjy tarapyndan onuň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdiriş meýilnamalaryna girizilen üýtgetmelere laýyklykda amala aşyrylýar.

5. Borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň jemlenen meýilnamasyny, girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasyny, býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamasyny, býujet edaralarynyň borçnamalary we tölegleri boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalarynyň düzülmeginiň we alnyp barylmagynyň, şeýle hem olara üýtgetmeler girizilmeginiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**16-njy bap. Býujetiň ýerine ýetirilişine kassalaýyn hyzmat etmek boýunça hasaplar**

**62-nji madda.Býujetiň ýerine ýetirilişine kassalaýyn hyzmat etmek boýunça hasaplar**

Şular býujetiň ýerine ýetirilişine kassalaýyn hyzmat etmek boýunça hasaplar bolup durýar:

1) Ýeke-täk gazna hasaby;

2) daşary ýurt pulundaky hasaplar;

3) gözegçilik hasaplary;

4) býujet edaralarynyň hasaplary.

**63-nji madda. Ýeke-täk gazna hasaby**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýeke-täk gazna hasaby Türkmenistanyň Merkezi bankynda milli pulda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileriniň geçirilmegi, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna tölegleriň we geçirme amallarynyň amala aşyrylmagy we olaryň hasaba alnyşynyň ýöredilmegi üçin açylýar.

2. Ýeke-täk gazna hasaby gözegçilik hasaplaryndaky serişdeleriň galyndylaryny öz içine alýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**64-nji madda. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň daşary ýurt pulundaky hasaplary**

Türkmenistanyň Merkezi bankynda daşary ýurt pulundaky amallary geçirmek we olary hasaba almak üçin Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň daşary ýurt pullarynyň görnüşleri boýunça hasaplary açylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**65-nji madda. Gözegçilik hasaplary**

1. Gözegçilik hasaplary Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Gazna müdirliginde Merkezleşdirilen býujetiň we her bir ýerli býujeti ýerine ýetirmek boýunça girdejileriň kabul edilmegi we tölegleriň geçirilmegi bilen baglanyşykly amallaryň hasaba alynmagy üçin açylýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan amallar Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna we býujet edaralarynyň kodlaryna laýyklykda hasaba alynýar.

3. Gözegçilik hasaplaryny açmagyň, alyp barmagyň we ýapmagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**66-njy madda. Býujet edaralarynyň hasaplary**

1. Býujet edaralarynyň şu hasaplary bolup biler:

1) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Gazna müdirliginde:

a) şu Kodeksiň 79-njy maddasyna laýyklykda, býujet edaralary tarapyndan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmeginden alnan serişdeleriň geçirilmegi we olaryň hasabyna tölegleriň (tölegli hyzmatlar hasaby) geçirilmegi üçin hasap;

b) hemaýatkärlik, haýyr-sahawat kömeginiň serişdeleriniň geçirilmegi we harajat edilmegi üçin hasap;

2) Türkmenistanyň bankynda, Türkmenistanyň Merkezi banky muňa degişli däldir:

a) býujet maýa goýum taslamasynyň Türkmenistan tarapyndan tassyklanan halkara şertnamasynda ýa-da grantlar hakynda ylalaşyklarda görkezilen daşary ýurt pulunda açylýan, hökümetiň daşarky karzynyň ýa-da grantynyň hakujy tölegleri arkaly täzeden dowam etdirilýän ýörite hasaby;

b) milli (daşary ýurt) pulunda tölegleri amala aşyrmak üçin açylýan býujet maýa goýum taslamasynyň ýörite hasaby;

ç) býujet maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilýän döwründe hökümetiň daşarky karzlarynyň hasabyna berlen karz boýunça esasy bergini üzmegiň hasabyna karz alanlar tarapyndan gaýtarylýan serişdeleri geçirmek we peýdalanmak üçin açylýan býujet maýa goýum taslamasynyň täzeden dowam etdirilýän hasaby.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan amallar býujet edaralarynyň kodlaryna laýyklykda hasaba alynýar.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Gazna müdirliginde býujet edaralarynyň hasaplaryny açmak, alyp barmak we ýapmak Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň banklarynda býujet edaralarynyň hasaplaryny açmak, alyp barmak we ýapmak Türkmenistanyň bank kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**17-nji bap. Býujetiň ýerine ýetirilmegi**

**67-nji madda. Girdejileriň gelip gowuşmagy boýunça býujetiň ýerine ýetirilmegi**

Girdejileriň gelip gowuşmagy boýunça býujetiň ýerine ýetirilmegi şulary göz öňünde tutýar:

1) girdejileriň Ýeke-täk gazna hasabyna geçirilmegini;

2) Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan esasy girdejileriň şu Kodekse laýyklykda Merkezleşdirilen býujet bilen welaýatlaryň (Aşgabat şäheriniň) býujetleriniň, ýerli býujetleriň arasynda paýlanylmagy;

3) salgyt edarasynyň netijenamasynyň esasynda esasy girdejileriň artyk tölenen möçberleriniň býujetden gaýtarylyp berilmegi.

**68-nji madda. GirdejileriňÝeke-täk gazna hasabyna geçirilmegi**

1. Türkmenistanyň Döwlet býujetine girdejiler pul görnüşinde gelip gowuşýar we Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna laýyklykda Ýeke-täk gazna hasabyna dolulygyna geçirilýär.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň daşary ýurt pulundaky hasaplaryna gelen girdejiler Ýeke-täk gazna hasabyna, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amalyň geçirilen gününde bellenilen resmi hümmet boýunça konwertirlenmegi arkaly Türkmenistanyň milli pulunda geçirilmäge degişlidir.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**69-njy madda. Esasy girdejileriň paýlanylmagy**

1. Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan girdejileriň Merkezleşdirilen býujet bilen welaýatlaryň (Aşgabat şäheriniň) býujetleriniň, ýerli býujetleriň arasynda paýlanylmagy degişlilikde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hem-de ýerli maliýe edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Salgytlar meýilnama döwri üçin "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda tassyklanylan kadalyk ölçegler boýunça ýa-da degişli döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň ýerli býujet hakynda karary boýunça paýlanýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**70-nji madda. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndantransfertiň peýdalanylmagy**

Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan Merkezleşdirilen býujete transfertleriň möçberi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Merkezleşdirilen býujetiň girdejilerini we býujet serişdeleriniň galyndylaryny çaklamagyň esasynda, meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýyly üçin transfertiň tassyklanan möçberiniň çäklerinde her aýda kesgitlenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**71-nji madda. Býujetiň girdejilerine artyk tölenen (töletdirilen) möçberleriniň býujetden gaýtarylmagy ýa-da olaryň bergini üzmegiň hasabyna geçirilmegi**

1. Býujetiň girdejilerine artyk tölenen (töletdirilen) pul möçberleriniň býujetden gaýtarylmagy ýa-da olaryň bergini üzmegiň hasabyna geçirilmegi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Salgytlary we býujete beýleki hökmany tölegleri töletdirmek boýunça degişli ygtyýarly döwlet edarasynyň öz ygtyýarlylygynyň çäklerindäki netijenamasy býujetiň girdejilerine artyk tölenen (töletdirilen) pul möçberleriniň býujetden gaýtarylmagy ýa-da olaryň bergini üzmegiň hasabyna geçirilmegi üçin esas bolup durýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**72-nji madda. Býujetiň çykdajylar boýunça ýerine ýetirilmegi**

1. Býujetiň çykdajylar boýunça ýerine ýetirilmegi şulary göz öňünde tutýar:

1) býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan pul borçnamalarynyň kabul edilmegini;

2) býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan kabul edilen pul borçnamalaryň bellige alynmagyny;

3) Ýeke-täk gazna hasabyndan tölegleriň we geçirme amallarynyň geçirilmegine rugsat berilmegini;

4) rugsat edilen pul borçnamalary boýunça tölegleriň geçirilmegini;

5) pul borçnamalarynyň ýerine ýetirilendigini tassyklanylmagyny we olaryň hasaba alnyşda görkezilmegini.

2. Býujetiň çykdajylar boýunça ýerine ýetirilmegi býujet edaralarytarapyndan kabul edilen borçnamalaryň ýerine ýetirişi boýunça Ýeke-täk gazna hasabyndan tölegleriň geçirilmegi arkaly amala aşyrylýar.

**73-nji madda. Býujet edaralarynyň borçnamalary**

1. Býujet edaralary pul borçnamalaryny fiziki we ýuridik şahslar bilen şertnamalary baglaşmak ýoly bilen ýa-da olary baglaşmazdan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kabul edýärler.

2. Býujet edaralary tarapyndan baglaşylan şertnamalar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde ýa-da ýerli maliýe edaralarynda Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň kodlary boýunça bellige alynmaga degişlidir.

Şular bilen baglanyşykly, ýagny:

1) durmuşa geçirilmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan ösüş býujet maksatnamalary;

2) taýýarlanylmagynyň tehnologik möhletiniň dowamlylygy soňky maliýe ýyllarynda iberilmegi şertlendirilýän aktiwleriň satyn alynmagy göz öňünde tutulýan gündelik býujet maksatnamalary;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda hyzmatlaryň bir maliýe ýylyndan artyk möhlet bilen edilmegi;

4) kanunda göz öňünde tutulmadyk, emma oňa garşy gelmeýän, geljekki maliýe ýylynda tamamlanyş möhleti bolan şertnamalara laýyklykda hyzmatlaryň edilmegi;

5) durmuşa geçirilmeli möhleti bir maliýe ýylyndan geçýän, Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk serişdeleriniň hasabyna geçirilýän çäreleriň maliýeleşdirilmegi bilen bagly,

şertnamalar meýilnama döwrüniň birinji maliýe ýylynyň borçnamalary boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamasy bilen tassyklanan pul möçberleriniň we meýilnama döwrüniň ikinji we üçünji ýyllarynyň býujetiniň binýatlyk çykdajylarynyň çäklerinde hereket edýän möhletiniň bütin dowamynda bellige alynmaga degişlidir.

Býujetiň binýatlyk çykdajylary üýtgän mahalynda görkezilen şertnamalar gaýtadan bellige alynmaga degişlidir.

3. Býujet edarasynyň daşary ýurt pulunda baglaşylan şertnamasy bellige alnan mahalynda şonuň bilen bir wagtda, daşary ýurt pulunyň Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan şertnamanyň bellige alnan senesindäki bellenilen resmi hümmeti boýunça daşary ýurt pulundakyşertnamanyň möçberini milli pula gaýtadan hasaplamak ýoly bilen şertnamanyň milli puldaky möçberi görkezilýär.

4. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy býujet edarasyna şertnamanyň bellige alnandygy baradaky habarnamany berýär.

5. Şertnamalaryň dowam edýän maliýe ýylynyň 20-nji dekabryndan soň bellige alynmagyna ýol berilmeýär, Türkmenistanyň Hökümetiniň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň ätiýaçlyk serişdelerinden býujet pullarynyň bölünip berilýän halatlary muňa degişli däldir.

6. Býujet edaralarynyň şertnamalarynyň bellige alnyş tertibi, şeýle hem Türkmenistanyň býujet toparlanmasy boýunça görkezilen şertnamalaryň bellige alynmagy hökmany

bolup durýan çykdajylaryň maddalarynyň sanawy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**74-nji madda. Şertnamalaryň bellige alnyşynyň, tölegleriň geçirilmeginiň we geçirme amallarynyň togtadylmagy**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy şu aşakdaky ýagdaýlarda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenen tertipde we möhletlerde şertnamalary bellige almak hem-de tölegleri we geçirim amallaryny amala aşyrmak üçin býujet edaralarynyň resminamalaryny kabul etmegi togtadýar:

1) borçnamalar we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalaryna üýtgetmeler girizilende;

2) inkassa tabşyrygy berlende;

3) eger daşary ýurt pulunyň peýdalanylmadyk möçberi onuň milli puldan daşary ýurt puluna gaýtadan hasaplanan koduna, ýagny, Türkmenistanyň býujet toparlanmasy boýunça býujet edarasynyň koduna dikeldilmedik bolsa;

4) býujet maksatnamalaryny kesmek barada çözgüt kabul edilende.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-3-nji bentlerine laýyklykda şertnamalaryň bellige alynmagynyň, tölegleriň we geçirme amallarynyň geçirilmeginiň togtadylmagy býujet maksatnamasy boýunça amala aşyrylýar, zähmet hakyny, döwlet kömek pullaryny we fiziki şahslara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki pul tölegleri tölemek üçin çykdajylar, şeýle hem salgyt tölegleri, pensiýa gatançlaryny geçirmek, bank hyzmatlaryny tölemek muňa degişli däldir.

3. Býujet edaralarynyň şertnamalarynyň bellige alynmagy, tölegleriniň geçirilmegi we geçirme amallary şu aşakda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda togtadylýar:

1) şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýda – Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň kodlary boýunça borçnamalar we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalaryna üýtgetmeleriň girizilmek tertibi tamamlanmazyndan öň;

2) şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýda – Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň görkezmeler berlen kodlary boýunça inkassa tabşyryklary ýerine ýetirilmezinden öň;

3) şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýda – daşary ýurt pulunyň peýdalanylmadyk möçberi milli puldan daşary ýurt puluna gaýtadan hasaplanan koduna, ýagny Türkmenistanyň býujet toparlanmasy boýunça býujet edarasynyň koduna dikeldilmezinden öň;

4) şu maddanyň birinji böleginiň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýda – kesilmäge degişli býujet maksatnamasy boýunça Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň kodlary boýunça borçnamalar we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalaryna üýtgetmeleriň girizilmek tertibi tamamlanmazyndan öň.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**75-nji madda. Milli puldaky tölegler we geçirme amallary**

1. Býujet edaralarynyň şu Kodeksiň 73-nji maddasynda bellenen tertipde kabul edilen pul borçnamalary boýunça tölegleri we geçirme amallary maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamasynda göz öňünde tutulan pul möçberleriniň, gözegçilik hasaplaryndaky we býujet edaralarynyň hasaplaryndaky galyndylaryň çäklerinde, şeýle hem şertnamalaryň pul möçberiniň çäklerinde geçirilýär.

2. Eger şunuň ýaly bellige alynmagy hökmany bolsa, Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň maddalary boýunça şertnamalary bellige almazdan şertnamalar boýunça tölegleriň we geçirme amallarynyň geçirilmegine ýol berilmeýär.

3. Býujet edarasynyň geçen ýyllardaky debitor bergileriniň möçberi şertnamanyň şertlerinde göz öňünde tutulan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) iberilmegi arkaly üzülmäge ýa-da kreditor tarapyndan degişli býujetiň girdejisine gaýtarylmaga degişlidir.

4. Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň baglaşylan şertnamalaryň bellige alynmagy hökmany bolan maddalarynyň we çykdajylarynyň görnüşleriniň sanawy, şeýle hem tölegleri we geçirme amallaryny amala aşyrmagyň Tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**76-njy madda. Inkassa tabşyrygy**

1. Inkassa tabşyrygy kazyýet edaralary tarapyndan berlen ýerine ýetiriliş resminamalaryň býujet edarasy tarapyndan mejbury ýerine ýetirilmegi üçin, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde salgyt bergisini, gümrük edaralarynyň öňündäki bergini üzdürmek üçin ulanylýar.

2. Ýeke-täk gazna hasabyna we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi üçin açylan daşary ýurt pulundaky hasaplara, degişli býujetleriň gözegçilik hasaplaryna we

serişdeleriň wagtlaýyn ýerleşdirilen hasaplaryna inkassa tabşyryklarynyň berilmegine ýol berilmeýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**77-nji madda. Býujet edaralarynyň daşary yurt pulundaky tölegleri we geçirme amallary**

Býujet edaralarynyň daşary ýurt pulundaky tölegleri we geçirme amallary Türkmenistanyň pul kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**78-nji madda. Býujet serişdeleriniň dolandyrylmagy**

1. Býujet serişdelerini dolandyrmak Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan:

1) esasy girdejilerden gelip gowuşmagyna garaşylýan pul möçberleriniň, esasy çykdajylaryň pul möçberleriniň, maliýe we maliýe däl aktiwler bilen amallaryň kesgitlenilmegi, dowam edýän maliýe ýyly üçin býujetiň artykmaçlygynyň peýdalanylmagy ýa-da nagt pullaryň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek arkaly nagt pullaryň akymlarynyçaklamagyň;

2) degişli býujetiň gözegçilik hasabyndaky serişdeleriň hereketine gözegçilik (monitoring) etmegiň, esasynda amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamada göz öňünde tutulan tölegleriň geçirilmegi üçin zerur bolan pul möçberiniň barlygynyň üpjün edilmegini amala aşyrýar.

3. Arassa karzlaşdyrmagyň/nesýäniň şu Kodeksiň 20-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenilýän ululygy, degişlilikde, nagt pullaryň artykmaçlygy/ýetmezçiligi bolup durýar.

4. Degişli býujetiň nagt pul ýetmezçiligi çaklanylan halatynda onuň ýapylmagy nesýe almagyň ýa-da şu Kodeksde bellenen tertipde girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasyna üýtgetmeleriň girizilmeginiň hasabyna amala aşyrylýar.

5. Degişli býujetiň nagt pul artykmaçlygy çaklanylan halatynda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy wagtlaýyn erkin býujet serişdeleriniň möçberini kesgitleýär.

Ýeke-täk gazna hasabynda durýan, dowam edýän maliýe ýylynyň belli bir döwrüniň dowamynda peýdalanylmaýan serişdeler wagtlaýyn erkin býujet serişdeleri bolup durýar.

Wagtlaýyn erkin býujet serişdelerini rejeli peýdalanmak we degişli býujete girdeji almak maksady bilen, Merkezleşdirilen býujetiň we welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleriniň wagtlaýyn erkin býujet serişdeleri Türkmenistanyň banklarynyň goýumlaryna (depozitlerine) ýerleşdirilýär.

Býujet serişdeleriniň karz edaralarynyň goýumlaryna (depozitlerine) ýerleşdirilmegine rugsat berilmeýär, şu bölekde göz öňünde tutulan ýagdaý muňa degişli däldir.

6. Merkezleşdirilen býujetiň we ýerli býujetleriň wagtlaýyn erkin býujet serişdeleriniň ýerleşdirilmegi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

7. Wagtlaýyn erkin býujet serişdeleriniň ýerleşdirilmeginiň tertibi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşmak arkaly kesgitlenilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**79-njymadda. Amallaryň býujet edaralarynyň harytlary(işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alýanserişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilmegi**

1. Býujet edaralarynyň harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alýan serişdeleriniň hasabyna amallaryň geçirilmegi üçin olar tarapyndan her ýylda harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden gelýän girdejileriň we çykdajylaryň olaryň görnüşleri boýunça sanawy düzülýär.

2. Býujet maksatnamalaryny dolandyryjy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýän tertibe laýyklykda özüniň garamagyndaky býujet edaralary tarapyndan berlen, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alynýan girdejileriň we çykdajylaryň olaryň görnüşleri boýunça sanawlarynyň esasynda degişli býujet maksatnamasy (kiçi maksatnama) boýunça, özüniň garamagyndaky býujet edaralary boýunça harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmeginden alynýan girdejileriň we çykdajylaryň olaryň görnüşleri boýunça sanawyny düzýär we tassyklaýar.

3. Býujet edaralarynyň harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden gelýän serişdeleriň hasabyna çykdajylary, görkezilen serişdeleri harajat etmegiň Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýän tertibine we harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) görnüşleri boýunça, olary ýerlemekden alynýan girdejileriň we çykdajylaryň tassyklanan jemleýji sanawyna laýyklykda amala aşyrylýar.

4. Býujet edaralary tarapyndan harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alynýan serişdeleriň hasabyna amallaryň geçirilmegi üçin şertnamalaryň bellige alynmagy şu Kodeksiň 73-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

5. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alynýan girdejileriň we çykdajylaryň sanawy, olaryň görnüşleri boýunça, dowam edýän maliýe ýylynda girdejiler tassyklanan sanawda göz öňünde tutulan möçberden artyk gelip gowşan ýagdaýynda takyklanyp bilner.

6. Býujet edaralary tarapyndan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmeginden alnan serişdeleriň hasabyna tölegler býujet edarasynyň Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Gazna müdirliginde ýa-da ýerli maliýe edarasynyň gazna bölüminde harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alynýan serişdeleriň hasaba alynmagy üçin açylan hasabynda hakyky bar bolan serişdeleriň çäklerinde amala aşyrylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**80-nji madda. Maliýe ýylynyň tamamlanmagy**

1. Dowam edýän maliýe ýylynyň girdejileri býujete geçirmek we býujetden tölegleri amala aşyrmak bilen bagly amallary dowam edýän maliýe ýylynyň 31-nji dekabrynda tamamlanýar.

2. Dowam edýän maliýe ýylynyň 31-nji dekabryna çenli peýdalanylmadyk meýilnama boýunça galyndylar ýatyrylýar.

**81-nji madda. Býujet serişdeleriniň galyndylary**

1. Hasabat maliýe ýylynda peýdalanylman galan galyndylar, şeýle hem girdejileriň meýilnamadan artyk gelip gowşan serişdeleri hasabat maliýe ýylynyň ahyryndaky ýagdaýa görä býujet serişdeleriniň galyndylary bolup durýar.

2. Hasabat maliýe ýyly üçin býujetiň ýerine ýetirilişiniň jemleri boýunça peýdalanylman galan serişdeler, şeýle hem girdejileriň dowam edýän maliýe ýylynyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä artyk gelip gowşan serişdeleri býujet serişdeleriniň dowam edýän ýylyň başyndaky galyndylary bolup durýar.

3. Ýerli býujetleriň býujet serişdeleriniň galyndylary ýokarda durýan býujete alynmaga (geçirilmäge) degişli däldir.

4. Býujet serişdeleriniň ýylyň başyndaky galyndylary şu Kodeksiň 82-nji maddasyna laýyklykda dowam edýän maliýe ýylynyň býujetiniň takyklanylmagy arkaly şu maksatlar üçin peýdalanylyp bilner:

1) alnan nesýeler boýunça esasy bergä hyzmat edilmegi we üzülmegi üçin;

2) hasabat maliýe ýylynda grantlaryň möçberi ýokarda durýan býujetden doly geçirilmedik halatynda ösüş üçin grantlaryň hasabyna maliýeleşdirilýän, hasabat maliýe ýylynyň bellige alnan borçnamalarynyň tölenmedik böleginiň pul möçberiniň aşakda durýan býujete geçirilmegi üçin;

3) dowam edýän maliýe ýylynyň, gündelik grantlaryň hasabat maliýe ýylynda bölünip berlen görkezilen maliýe ýylynyň başynda peýdalanylmadyk galyndysynyň möçberindäki, ýokarda durýan býujetden bölünip berlen görkezilen grantlaryň hasabyna amala aşyrylýan çykdajylarynyň maliýeleşdirilmegi üçin;

4) şu Kodeksiň 73-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan, hasabat maliýe ýylynyň bellige alnan borçnamalarynyň tölenmedik böleginiň maliýeleşdirilmegi üçin.

5. Merkezleşdirilen býujetiň býujet serişdeleriniň ýylyň başyndaky galan galyndylary, muňa maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň galyndylary degişli däldir, şu maddanyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan maksatlara paýlanandan soň, Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyna gönükdirilýär.

Ýerli býujetleriň býujet serişdeleriniň ýylyň başyndaky galyndylary şu maddanyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan maksatlara paýlanandan soň, şeýle hem dowam edýän maliýe ýylynyň býujetara gatnaşyklary boýunça grantlar takyklanandan soň, býujet serişdeleriniň erkin galyndylary bolup durýar we olar býujete takyklama girizmek arkaly dowam edýän ýylyň çykdajylarynyň maliýeleşdirilmegine gönükdirilip bilner.

**18-nji bap. Býujetiň takyklanylmagy. Býujeti kesmek**

**82-nji madda. Býujetiň takyklanylmagy**

1. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň takyklanylmagy – bu Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň görkezijileriniň üýtgemegi bolup durýar, bu şu ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) Merkezleşdirilen we (ýa-da) ýerli býujetleriň girdejileriniň gelip gowşuşynyň kemelmegine ýa-da çykdajylarynyň artmagyna getirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edilende, ministrlikleriň we döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralarynyň namalary muňa degişli däldir;

2) Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilmeginiň barşynda girdejileri, olaryň dowam edýän maliýe ýylyndaky tassyklanan ýyllyk möçberiniň on göteriminden ýokary möçberde peselende (artanda);

3) ýokarda durýan býujetden bölünip berlen şertli grantlaryň pul möçberleri üýtgände;

4) şu Kodeksiň 13-nji maddasynyň dördünji böleginde we 81-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda;

5) Türkmenistanyň býujet toparlanmasyna üýtgetmeler girizilende;

6) döwlet häkimiýet edaralary, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we olaryň garamagyndaky kärhanalar, guramalar we edaralar döredilende, ýatyrylanda, üýtgedilip guralanda, olaryň wezipeleri üýtgedilende. Şunda býujeti takyklamak görkezilen ýagdaýlar bilen baglylykda degişli býujet maksatnamalary şol býujet

maksatnamalary boýunça tassyklanan (takyklanan) çykdajylarynyň umumy pul möçberiniň çäklerinde goşulmagyndan, bölünmeginden, berilmeginden ybarat bolýar;

7) maliýe ýylynyň dowamynda Türkmenistanyň Hökümetiniň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň ätiýaçlyk gorundan serişdeler bölünip berlende;

8) şu Kodeksiň 26-njy maddasynyň üçünji böleginde, 40-njy maddasynyň altynjy we ýedinji böleklerinde, 81-nji maddasynyň dördünji böleginde, 83-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar bolanda.

2. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň takyklanylmagy şular arkaly amala aşyrylyp bilner:

1) Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň degişli Kanunynyň ýa-da ýerli wekilçilikli häkimiýet edarasynyň çözgüdiniň kabul edilmegi;

2) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýa-da ýerli maliýe edarasy tarapyndan degişlilikde Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň ýa-da döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň çözgütleriniň esasynda girdejileriň gelip gowuşmagynyň we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasyna, degişli býujetler boýunça borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň jemleýji meýilnamasyna üýtgetmeleriň girizilmegi.

3. Şu maddanyň ikinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, eger şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar býujetiň "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny ýa-da döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin ýerli býujet hakynda çözgüdi bilen tassyklanan girdejileriniň we çykdajylarynyň umumy möçberleriniň üýtgemegine getirýän bolsa, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň dowam edýän maliýe ýyly üçin takyklanylmagy amala aşyrylýar.

4. Dowam edýän maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetini takyklamak şu maddanyň ikinji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda, şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar býujetiň girdejileriniň we çykdajylarynyň "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda ýa-da döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň meýilnama döwri üçin ýerli býujet hakynda çözgüdi bilen tassyklanan umumy möçberleriniň üýtgemegine getirmeýän bolsa amala aşyrylýar.

5. Türkmenistanyň Maliýe mnistrliginiň Türkmenistanyň Döwlet býujetini býujet maksatnamalary boýunça çykdajylary azaltmak babatynda takyklamak baradaky teklibiniň esasynda çözgüt kabul edilen halatynda Türkmenistanyň Maliýe mnistrliginiň ýa-da ýerli maliýe edarasynyň şu maksatnamalar boýunça amallary togtatmaga haky bardyr.

6. Türkmenistanyň Döwlet býujetini şu maddanyň ikinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda takyklamak Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we ýerli býujetleriň

taslamalaryny meýilnamalaşdyrmak we olary tassyklamak üçin şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**83-nji madda. Býujeti kesmek**

1. Býujeti kesmek – bu Türkmenistanyň Döwlet býujetini ýerine ýetirmegiň barşynda dowam edýän maliýe ýylynda girdejileriň tassyklanan býujetde göz öňünde tutulan möçberlerden az gelip gowşan, şonuň netijesinde çykdajylary doly möçberde maliýeleşdirmegiň mümkin bolmadyk ýagdaýlarynda tassyklanan býujet maksatnamalary boýunça býujet çykdajalarynyň azaldylmagy bolup durýar.

2. Býujet maksatnamalary boýunça býujet çykdajylaryny şol maksatnamalar boýunça çykdajylaryň tassyklanan ýyllyk möçberiniň on göterimden az möçberde kesilmegi býujeti şu Kodeksiň 82-nji maddasynyň ikinji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda takyklamak, on göteriminden ýokary bolanda – býujeti şu Kodeksiň 82-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda takyklamak arkaly amala aşyrylýar.

## V BÖLÜM. BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY WE MALIÝE HASABATLYLYGY. BÝUJET HASABA ALNYŞYWE BÝUJETIŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI BARADA HASABATLYLYK

### 19-njy bap. Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy

**84-nji madda. Býujet edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy**

Býujet edaralary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmagy, maliýe hasabatlylygyny düzmegi we bermegi üpjün edýärler.

### 20-nji bap. Býujet hasaba alnyşy we býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylyk

**85-nji madda. Býujet hasaba alnyşynyň esasy düzgünleri**

Býujet hasaba alnyşy – bu Ýeke-täk gazna hasaby we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň aktiwleriniň we borçnamalarynyň ýagdaýyny, şeýle hem olaryň üýtgeýşini hasaba alýan býujet edaralarynyň hasaplary boýunça býujet amallary barada pul manysyndaky maglumatlary toplamagyň, bellige almagyň we umumylaşdyrmagyň üznüksiz tertipleşdirilen ulgamydyr.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**86-njy madda. Býujet hasaba alnyşy**

Esasy girdejiler, esasy çykdajylar, maliýe we maliýe däl aktiwleri we borçnamalary bilen geçirilýän amallar Hasaplar meýilnamasyna we şu Kodeksiň 14-nji maddasynda göz öňünde tutulan býujetiň gurluşyna esaslanýan býujet hasaba alnyşyna degişlidir.

**87-nji madda. Býujet hasaba alnyşyny alyp barmak we býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylygy düzmek**

1. Býujet hasaba alnyşyny alyp barmagyň we býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylygy düzmegiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenilýär.

2. Býujet hasaba alnyşynyň maglumatlary býujetiň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlylygy düzmegiň esasy bolup durýar.

3. Býujet hasaba alnyşynyň we býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylygyň görnüşleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylýar.

4. Býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylyk şu Kodeksiň düzgünlerine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda geçirilen amallar barada dogry we doly maglumatlary öz içine almalydyr.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**88-nji madda. Býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylygyň görnüşleri**

1. Býujetiň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlylyk hasabatlaryň şu görnüşlerini öz içine alýar:

1) býujet edaralary tarapyndan düzülýän hasabatlar:

a) maliýeleşdirmegiň aýratyn meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat;

b) harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejileriň gelip gowşuş we şunuň ýaly gelip gowşan serişdeleriň hasabyna çykdajylaryň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat;

ç) hemaýatkärlik we haýyr-sahawat kömeginden girdejileriň gelip gowşuşy we şunuň ýaly gelip gowuşmalaryň hasabyna çykdajylar barada hasabat;

d) algy-bergiler barada hasabat;

2) býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan düzülýän hasabatlar:

a) býujete gözegçilik (monitoring) geçirmegiň netijeleri barada hasabat;

b) býujet maksatnamalaryny (kiçi maksatnamalary) maliýeleşdirmek meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat;

ç) harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejileriň gelip gowşuş we şunuň ýaly gelip gowşan serişdeleriň hasabyna çykdajylaryň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat;

d) hemaýatkärlik we haýyr-sahawat kömeginden girdejileriň gelip gowşuşy we şunuň ýaly gelip gowuşmalaryň hasabyna çykdajylar barada hasabat;

e) algy-bergiler barada hasabat;

ä) orta möhletli meýilnamanyň durmuşa geçirilişi barada hasabat;

3) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we ýerli maliýe edaralary tarapyndan düzülýän hasabatlar:

a) degişlilikde, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we Merkezleşdirilen býujetiň, ýerli býujetleriň ýerine ýetirilişi barada hasabat;

b) maksatlaýyn döwlet gaznalarynyň girdejileriniň gelip gowuşmagy we serişdeleriniň peýdalanylmagy hakynda hasabat;

ç) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada hasabat;

d) Merkezleşdirilen we ýerli býujetler boýunça harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejileriň gelip gowşuş we şunuň ýaly gelip gowşan serişdeleriň hasabyna çykdajylaryň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat;

e) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň aktiwleriniň we borçnamalarynyň ýagdaýy barada hasabat;

ä) Merkezleşdirilen býujet ýa-da ýerli býujet boýunça hemaýatkärlik we haýyr-sahawat kömeginden girdejileriň gelip gowşuşy we şunuň ýaly gelip gowuşmalaryň hasabyna çykdajylar barada hasabat;

f) Merkezleşdirilen býujetiň ýa-da ýerli býujetiň algy-bergileri barada hasabat;

4) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan hasabat maliýe ýyly üçin, degişlilikde, Türkmenistanyň Mejlisine we döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasyna berilýän hasabatlar;

a) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýa-da ýerli býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabat;

b) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň emele getirilişi we ulanylyşy barada hasabat.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylygyň goşmaça görnüşlerini bellemäge haky bardyr.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**89-njymadda. Býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatlylygy bermek**

1. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we ýerli býujetiň hasabat döwründe ýerine ýetirilişi barada hasabat bellige alnan, ýöne tölenmedik borçnamalary hem goşmak bilen, tassyklanan (takyklanan) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we ýerli býujetiň ýerine ýetirilişini, şeýle hem degişli býujetiň girdejileriň gelip gowuşmagy boýunça ýerine ýetirilişini we býujet maksatnamalary boýunça tölenen borçnamalary görkezýär.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi her aýda, hasabat aýynyň soňundan gelýän aýyň birindäki ýagdaýa görä, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berýär.

3. Ýerli maliýe edarasy her aýda, hasabat aýynyň soňundan gelýän aýyň birindäki ýagdaýa görä, ýerli býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabaty ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasyna we ýokarda durýan maliýe edarasyna berýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**90-njy madda. Döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabaty**

1. Döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamanyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabaty býujet maksatnamalary boýunça maglumatlary hem goşmak bilen, döwlet edarasynyň işiniň netijeleriniň maksatlaryna we görkezijilerine ýetilişi baradaky maglumatlary öz içine alýar.

2. Döwlet edaralary – Türkmenistanyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary - her ýylda dowam edýän maliýe ýylynyň 1-nji martyna çenli möhletde orta möhletli meýilnamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabaty Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berýärler.

3. Döwlet edaralary – ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasyna tabyn bolan müdirlikler we bölümler - her ýylda dowam edýän maliýe ýylynyň 1-nji fewralyna çenli möhletde orta möhletli meýilnamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabaty ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasyna we ýerli maliýe edarasyna berýärler.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**21-nji bap. Hasabat maliýe ýylynda býujetiň ýerine ýetirilişibarada hasabat**

**91-nji madda. Hasabat maliýe ýylyndaTürkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabatyň berilmegi**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hasabat maliýe ýylynda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabaty hasabat ýylynyň soňundan gelýän ýylyň 30-njy aprelinden gijä galman Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berýär.

2. Hasabat maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat şulary öz içine alýar:

1) "Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda tassyklanan görkezijilere bölmek bilen, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlary;

2) düşündiriş ýazgysyny, ol şulary öz içine alýar:

a) ykdysady ýagdaý we Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynda we Türkmenistanyň Döwlet býujetinde kesgitlenilen salgyt-býujet syýasatynyň esasy ugurlarynyň durmuşa geçirilişi barada seljeriş maglumatlaryny;

b) geçirilen býujet gözegçiliginiň (monitoringiň) we hasabat maliýe ýylynda döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň işiň netijeleriniň bellenen maksatlaryna we görkezijilerine ýetmek boýunça ýerine ýetirilişine geçirilen seljermäniň esasynda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileriň gelip gowuşmagy boýunça ýerine ýetirilişi, döwletiň býujet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi baradaky seljeriş maglumatlaryny.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky ýyllyk hasabat Türkmenistanyň Mejlisine nobatdaky meýilnama döwri üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasynyň berilmegi bilen bir wagtda berilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**92-njimadda. Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan hasabat maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwletbýujetiniňýerine ýetirilişi baradakyhasabatyň seredilmegi we tassyklanylmagy**

1. Türkmenistanyň Mejlisi hasabat maliýe ýylynda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabata seredýär we şulary diňleýär:

1) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarly wekiliniň (wekilleriniň) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky çykyşyny;

2) Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ygtyýarlyk berlen adamlaryň Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat boýunça netijenamalary bilen çykyşlaryny.

Türkmenistanyň Mejlisinde hasabat maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredilen mahalynda döwlet edaralarynyň döwletiň býujet maksatnamalarynyň durmuşa geçrilişi baradaky hasabatlary diňlenip bilner.

2. Türkmenistanyň Mejlisi hasabat maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabata seretmegiň jemleri boýunça hasabat maliýe ýyly üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabatyň tassyklanylmagy barada degişli çözgüt kabul edýär.

**93-njimadda. Hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda hasabatyň berilmegi**

1. Hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) maliýe edarasy welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda hasabaty hasabat ýylynyň soňundan gelýän ýylyň 1-nji martyna çenli welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) ýerine ýetiriji häkimiýet edarasyna we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berýär.

2. Hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabat şulary öz içine almalydyr:

1) döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň çözgüdi bilen tassyklanan görkezijilere bölmek bilen, welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada maglumatlary;

2) düşündiriş ýazgysyny, ol şulary öz içine alýar:

a) ykdysady ýagdaý we welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynda we býujetinde kabul edilen salgyt-býujet syýasatynyň esasy ugurlarynyň durmuşa geçirilişi baradaky seljeriş maglumatlaryny;

b) geçirilen býujet gözegçiliginiň (monitoringiň) we hasabat maliýe ýylynda döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň işiň netijeleriniň bellenen maksatlaryna we görkezijilerine ýetmek boýunça ýerine ýetirilişine geçirilen seljermäniň esasynda welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň girdejileriň gelip gowuşmagy boýunça ýerine ýetirilişi, döwletiň býujet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada seljeriş maglumatlaryny.

3. Welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasyna nobatdaky meýilnama döwri üçin ýerli

býujetiň taslamasyny bermek bilen bir wagtda döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty tassyklamak hakynda kararynyň taslamasyny, hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty berýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**94-njimadda. Hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredilmegi we tassyklanylmagy**

1. Welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy iki hepdäniň dowamynda welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredýär.

2. Welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredende welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy:

1) welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň ygtyýarlyk beren adamynyň (adamlarynyň);

2) iş toparynyň başlygynyň;

3) welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň ygtyýarlyk beren adamynyň (adamlarynyň),

býujetiň ýerine ýetirilişi baradaky çykyşlaryny diňleýär.

3. Hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredilende welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy tarapyndan ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişi barada hasabatlary diňlenip bilner.

4. Hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seretmegiň jemleri boýunça welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy hasabat maliýe ýyly üçin welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty tassyklamak hakynda çözgüt kabul edýär.

**95-njimadda. Hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabatyň berilmegi**

1. Etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň maliýe edarasy hasabat ýylynyň soňundan gelýän ýylyň 1-nji fewralyna çenli, hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty etrabyň

(etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň ýerine ýetiriji häkimiýet edarasyna we ýokarda durýan maliýe edarasyna berýär.

2. Hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabat şulary öz içine almalydyr:

1) etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň çözgüdi bilen tassyklanan görkezijilere bölmek bilen, býujetiň ýerine ýetirilişi barada maglumatlary;

2) düşündiriş ýazgysyny, ol şulary öz içine alýar:

a) ykdysady ýagdaý we etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynda we býujetinde kabul edilen salgyt-býujet syýasatynyň esasy ugurlarynyň durmuşa geçirilişi barada seljeriş maglumatlaryny;

b) geçirilen býujet gözegçiliginiň (monitoringiň) we hasabat maliýe ýylynda döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň işiň netijeleriniň bellenen maksatlaryna we görkezijilerine ýetmek boýunça ýerine ýetirilişine geçirilen seljermäniň esasynda etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň girdejileriň gelip gowuşmagy boýunça ýerine ýetirilişi, döwletiň býujet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada seljeriş maglumatlaryny.

3. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasyna nobatdaky meýilnama döwri üçin ýerli býujetiň taslamasyny bermek bilen bir wagtda döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasynyň hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty tassyklamak hakynda kararynyň taslamasyny, hasabat maliýe ýylynda etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabaty berýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**96-njy madda. Hasabat maliýe ýyly üçinetrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredilmegi we tassyklanylmagy**

1. Döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy iki hepdäniň dowamynda etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredýär.

2. Etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň hasabat maliýe ýyly üçin býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabata seredende döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy:

1) ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan ygtyýarly adamyň (adamlaryň);

2) iş toparynyň başlygynyň;

3) döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy tarapyndan ygtyýarlylandyrylan adamyň (adamlaryň) býujetiň ýerine ýetirilişi barada çykyşlaryny diňleýär.

3. Hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabata seredilende döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy tarapyndan ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişi baradaky hasabatlary diňlenip bilner.

4. Hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabata seretmegiň jemleri boýunça döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy hasabat maliýe ýyly üçin etrabyň (etrap hukukly şäheriň), şäherdäki etrabyň býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabaty tassyklamak hakynda çözgüt kabul edýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**22-nji bap. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyňserişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşybaradaýyllyk hasabat**

**97-njimadda. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada ýyllykhasabatyň düzülmegi**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligiTürkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada ýyllyk hasabaty düzýär we ony hasabat ýylyndan soň gelýän ýylyň 30-njy apreline çenli Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berýär.

2. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada ýyllyk hasabat şulary öz içine almalydyr:

1) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň girdejileri we serişdeleriniň peýdalanylyşy barada hasabaty;

2) Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň dolandyrylyşy barada başga maglumatlary.

3. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada ýyllyk hasabaty düzmegiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**98-njimadda. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyňserişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşybarada ýyllykhasabatyň tassyklanylmagy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti her ýyl, dowam edýän ýylyň 1-nji iýunyndan gijä galman Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada ýyllyk hasabaty Türkmenistanyň Prezidentiniň tassyklamagyna berýär.

## VI BÖLÜM. BÝUJET MAÝA GOÝUMLARY

### 23-nji bap. Býujet maýa goýumlarynyňmeýilnamalaşdyrylmagy we durmuşa geçirilmegi

#### 99-njy madda. Umumy düzgünler

1. Degişli býujet maksatnamalary boýunça býujet maýa goýumlary şular arkaly amala aşyrylýar:

1) býujet maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi;

2) döwletiň ýuridik şahslaryň esaslyk maýasyna gatnaşmagy.

2. Býujet maýa goýum taslamalary şu aşakdakylara baglylykda döwlet we ýerli býujet maýa goýum taslamalaryna bölünýär:

1) býujet maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde alnan emläge ýüze çykýan eýeçilik hukugyna (döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşyň merkezi edarasynda ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynda) baglylykda;

2) býujet maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde ykdysady peýda alýanlara baglylykda. Eger býujet maýa goýum taslamasy iki ýa-da ondan köp sebitiň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň) durmuş-ykdysady ösüşine gönükdirilen bolsa, onda bu maýa goýum taslamasy - döwlet taslamasy, eger bir sebitiň (welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň) ösüşine gönükdirilen bolsa, ýerli taslama bolup durýar.

3. Döwletiň býujet maýa goýum taslamasyny maliýeleşdirmek – Merkezleşdirilen býujetiň serişdeleriniň hasabyna, ýerli býujet taslamasyny maliýeleşdirmek bolsa, ýerli býujetiň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

#### 100-njimadda. Býujet maýa goýum taslamalaryny meýilnamalaşdyrmak

1. Býujet maýa goýum taslamalaryny meýilnamalaşdyrmak üç tapgyrda amala aşyrylýar:

1) orta möhletli meýilnamalaryň taslamalarynyň we býujet maksatnamalarynyň emele getirilýän döwründe döwlet edaralary ýa-da býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan maýa goýum teklipleriniň işlenip düzülmegi;

2) şular ýaly esaslandyrmalary talap edýän desgalar boýunça býujet maýa goýum taslamalarynyň tehniki-ykdysady esaslandyrmalarynyň işlenip düzülmegi we degişli bilermenler seljermesiniň geçirilmegi;

3) býujet maýa goýum taslamalarynyň sanawynyň kesgitlenilmegi.

2. Býujet maýa goýum taslamalarynyň sanawynyň emele getirilmegi döwlet edaralary ýa-da býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan berilýän maýa goýum teklipleriniň, tehniki-ykdysady esaslandyrmalaryň we maýa goýum taslamalaryna geçirilen degişli seljerişleriň esasynda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**101-njimadda. Maýa goýum teklipleriniň işlenipdüzülmegi**

1. Maýa goýum teklipleri şulary öz içine almalydyr:

1) býujet maýa goýum taslamasy boýunça umumy maglumatlary;

2) taslamanyň maksatlarynyň ykdysadyýetiň pudagyny (bölegini) ösdürmegiň Türkmenistanyň strategik we maksatnamalaýyn resminamalarynda kesgitlenen ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelýändigi barada maglumatlary;

3) býujet maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilen we şunuň ýaly taslamanyň durmuşa geçirilmedik halatlarynda ykdysadyýetiň pudagynyň (böleginiň) ösüşiniň dürli ýollarynyň çaklamasyny;

4) býujet maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmekden alynýan peýdanyň paýlanylyşy baradaky maglumatlary.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bellenen tertipde döwlet edaralarynyň ýa-da döwlet ýa-da ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň maýa goýum tekliplerine seredýär we olary netijenamalar bilen bilelikde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär.

3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ylalaşylan maýa goýum teklipleri boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi şu Kodeksiň 100-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, maýa goýum taslamalarynyň sanawyny düzýär.

4. Býujet maýa goýum taslamalarynyň işlenip düzülmeginiň we seredilmeginiň hem-de maýa goýum teklipleriniň seçilip alynmagynyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda )*

**102-njimadda. Býujet maýa goýum taslamalarynyň býujet maksatnamalaryna we meýilnama döwri üçin býujet taslamasyna goşulmagy**

Býujet maýa goýum taslamalarynyň býujet maýa goýumlarynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýan býujet maksatnamalaryna we meýilnama döwri üçin býujetiň taslamasyna goşulmagy üçin býujet maýa goýum taslamasynyň bellenilen tertipde tassyklanan tehniki-ykdysady esaslandyrmasy esas bolup durýar, tehniki-ykdysady esaslandyrmasynyň işlenip düzülmegi talap edilmeýän taslamalar muňa degişli däldir.

Býujet maýa goýum taslamasynyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tassyklanýar.

Tehniki-ykdysady esaslandyrmanyň işlenip düzülmegi talap edilmeýän taslamalaryň sanawynyň kesgitlenilmegi we olaryň tassyklanylmagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan amala aşyrylýar.

**103-nji madda. Býujet maýa goýumlarynyňdöwletiň ýuridik şahslaryň esaslyk maýasyna gatnaşmagy arkaly meýilnamalaşdyrylmagy**

Býujet maýa goýumlarynyň döwletiň ýuridik şahslaryň esaslyk maýasyna gatnaşmagy arkaly meýilnamalaşdyrylmagy şu Kodeksiň 100-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

**104-nji madda. Býujet maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi**

1. Býujet maýa goýum taslamalary bellenilen tertipde tassyklanan tehniki-ykdysady esaslandyrmalara laýyklykda durmuşa geçirilýär.

2. Býujet maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde göz öňünde tutulýan gurluşyk işi bellenen tertipde tassyklanan taslama-çenlik resminamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

3. Býujet maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde göz öňünde tutulýan, daşary ýurtlaryň çägindäki gurluşyk işi şu taslama haýsy ýurduň çäklerinde durmuşa geçirilýän bolsa, şol döwletiň kanunçylygynda bellenen tertipde tassyklanan resminamalara laýyklykda geçirilýär.

4. Ýeke-täk tehniki ölçegleri (parametrleri) bolan býujet maýa goýum taslamalary boýunça mysaly taslamany işläp düzmek amala aşyrylýar.

Mysaly taslamalaryň işlenip düzülmeginiň we bilermenler seljermesini geçirmegiň maliýeleşdirilmegi gurluşyk babatda ygtyýarly edaranyň degişli býujet maksatnamasynyň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

**VII BÖLÜM. GRANTLAR, SUBSIDIÝALAR**

**24-nji bap. Grantlar**

**105-njimadda. Grantlaryň toparlara bölünişi**

1. Grantlar şulara bölünýär:

1) serişdeleriň gelip gowuşýan çeşmelerine baglylykda:

a) daşary döwletleriň hökümetleriniň berýän grantlaryna;

b) halkara guramalaryndan alynýan grantlara;

ç) döwlet dolandyryş böleginiň beýleki birliklerinden berilýän grantlara;

2) bellenen maksadyna baglylykda:

a) gündelik çykdajylary amala aşyrmak üçin berilýän gündelik grantlara;

b) aktiwleri satyn almak ýa-da döretmek ýa-da bar bolan aktiwleriň durkuny täzelemek üçin berilýän düýpli grantlara.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendiniň "a" we "b" kici bentlerinde görkezilen grantlar Türkmenistana – grant hakynda ylalaşyga laýyklykda, "ç" bölümçesindäki grantlar şu Kodeksiň II bölümine laýyklykda berilýär.

**106-njy madda. Grantlaryň meýilnamalaşdyrylmagy**

1. Gantlaryň meýilnamalaşdyrylmagy – donorlaryň tekliplerine esaslanýan grantlaryň çekilmegi üçin ýüztutmalaryň emele getirilmegi, berilmegi we seçilip alynmagy boýunça iş.

Düýpli we gündelik grantlaryň meýilnamalaşdyrylmagy – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar..

2. Grantlary çekmek üçin ýüztutmalar ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň teklipleriniň hasaba alynmagy bilen Türkmenistanyň merkezi döwlet häkimiýet edarasy tarapyndan, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berilýär.

3. Grantlary çekmek üçin ýüztutmalaryň seçilip alynmagy şu esaslarda amala aşyrylýar:

1) granty çekmek üçin ýüztutmanyň Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelmegi;

2) granty çekmek üçin ýüztutmanyň donorlar tarapyndan grantyň berliş syýasatyna laýyk gelmegi.

4. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi grantlary çekmek üçin ýüztutmalary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tassyklamak üçin berýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-njimadda)*

**107-njimadda. Grantlaryň çekilmegi**

1. Grantlary çekmek üçin ýüztutmalaryň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan sanawynyň esasynda Türkmenistanyň degişli döwlet häkimiýet edaralary, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary donorlar tarapyndan bellenen görnüş boýunça grantlary bermek baradaky ýüztutmalary resmileşdirýärler.

2. Türkmenistanyň Döwlet býujetinde grantlaryň möçberi meýilnama döwrüniň degişli ýyllary boýunça, şu Kodeksiň 106-njy maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan sanawa laýyklykda ýüztutmalaryň möçberinde görkezilýär.

Grant hakynda ylalaşyk Türkmenistanyň Döwlet býujeti tassyklanandan soň baglaşylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**108-njimadda. Grantlaryň peýdalanylmagy**

1. Grantlaryň peýdalanylmagy aýratyn býujet maksatnamasyny (kiçi maksatnamany) emele getirýär we Türkmenistanyň granty alýan merkezi döwlet häkimiýet edarasy ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan grant hakyndaky ylalaşyga we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň granty alýan merkezi döwlet häkimiýet edarasy ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy düýpli granty peýdalanmagyň tamamlanandygy baradaky hasabaty we gündelik granta degişli hasabaty Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berýär. Hasabata donoryň ygtyýarly wekili we grant Türkmenistanyň merkezi döwlet häkimiýet edarasynyň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň haýsy biriniň ýüztutmasy boýunça berlen bolsa, şonuň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilmelidir.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-njimadda)*

**109-njy madda. Grantlaryň peýdalanylyşyna gözegçiligiň (monitoringiň) geçirilmegi we baha berilmegi**

1. Grantlaryň peýdalanylyşyna gözegçiligiň (monitoringiň) geçirilmeginde şular göz öňünde tutulýar:

1) Türkmenistanyň merkezi döwlet häkimiýet edaralary ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan grantlaryň peýdalanylmagynyň barşy we netijeleri barada maglumatlaryň toplanylmagy we işlenilmegi;

2) Türkmenistanyň merkezi döwlet häkimiýet edaralary ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan grantlaryň peýdalanylmagynyň barşy we netijeleri barada hasabatlaryň Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berilmegi.

2. Hasabatlylygy bermegiň möhletleri we görnüşleri hem-de grantlary peýdalanmagyň barşy we netijeleri barada berilýän maglumatlara bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

3. Düýpli we gündelik grantlaryň peýdalanylyşyna baha bermek Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan, grantlaryň peýdalanylmagynyň barşy we netijeleri barada hasabatlylyk esasynda amala aşyrylýar we şulary göz öňünde tutýar:

1) grantlaryň peýdalanylmagy babatynda meýilleşdirilen we gazanylan netijeleriň deňeşdirilmegini, şeýle hem olaryň ýurduň we sebitiň durmuş-ykdysady ösüşine edýän täsiriniň seljerilmegini;

2) grantlaryň peýdalanylmagyna täsir eden dürli daşarky ýagdaýlaryň seljerilmegini we olara baha berilmegini.

4. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi grantlaryň peýdalanylyşyna baha bermegiň netijelerine esaslanýan, degişlilikde, düýpli we gündelik grantlaryň peýdalanyşy barada jemleýji hasabaty düzýär we ony hasabat ýylynyň soňundan gelýän ýylyň 30-nji aprelinden gijä galman Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-njimadda)*

**25-nji bap. Subsidiýalar**

**110-njy madda. Subsidiýalar we olary bermegiň şertleri**

1. Subsidiýalar ýuridik şahslara ylalaşylan şertler esasynda, degişli býujetde gündelik býujet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi boýunça belli bir maksatlaýyn çykdajylaryň amala aşyrylmagy üçin tassyklanan pul möçberlerinde berilýär.

2. Subsidiýalar şular esasynda geçirilýär:

1) ýeňillikli şertlerde degişli hyzmatlaryň edilmegi göz öňünde tutulýan kadalaşdyryjy hukuk namalary;

2) degişli býujet maksatnamasynyň maliýeleşdirilmeginiň bellenen tertipde tassyklanan tölegler boýunça aýratyn meýilnamasy we netijeler hakynda ylalaşyk;

3) býujet maksatnamasynyň dolandyryjysynyň töleginiň esaslandyrylandygyny tassyklaýan resminamalar.

3. Subsidiýalar degişli býujet maksatnamalarynda kesgitlenen wezipeleýin maksatlaryna laýyklykda peýdalanylýar.

4. Subsidiýalaryň berilmeginiň, degişli býujet maksatnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň netijeleri barada hasabatyň düzülişiniň we berlişiniň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

## VIII BÖLÜM. DÖWLETIŇ NESÝE ALMAGY. DÖWLET TARAPYNDAN KEPILLENDIRILEN NESÝÄNIŇ ALYNMAGY WE BERGI

### 26-njy bap. Döwletiň nesýe almagy, döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň alynmagy we bergi hakynda umumy düzgünler

#### 111-nji madda. Şu bölümde ulanylýan düşünjeler

Şu bölümde aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) **awal** – weksel kepillendirmesi, şunda ony amala aşyran şahs weksel boýunça borçly bolan beýleki şahsyň ýerine weksel boýunça tölegi (dolulygyna ýa-da bölekleýin) amala aşyrmak borçnamasyny öz üstüne alýar;

2) **döwletiň daşarky nesýesi** – Türkmenistanyň dahylsyzynyň karz beriji, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da Türkmenistanyň dahyllysynyň bolsa, döwlet kepillendirmesi bilen üpjün edilen karz alyjy bolup çykyş edýän nesýe gatnaşyklary;

3) **döwletiň içerki nesýesi** – Türkmenistanyň dahyllysynyň karz beriji, Türkmenistanyň Hökümetiniň ýa-da Türkmenistanyň dahyllysynyň bolsa, karz alyjy bolup çykyş edýän nesýe gatnaşyklary;

4) **bankyň kepillendirmesi** – döwlet kepillendirmesini bermek hakynda ylalaşykda bellenen tertipde we möhletlerde nesýe şertnamasy boýunça karz alyjy tarapyndan tölemäge degişli pul möçberiniň toplanmagy üpjün edilmedik ýagdaýynda döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe boýunça bergini üzmek babatynda bankyň Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň öňündäki borçnamasy;

5) **döwlet tarapyndan kepillendirilen bergi** – döwlet kepillendirmesi bilen üpjün edilen, alnan we üzülmedik döwlete dahylsyz nesýeleriň belli bir senedäki möçberi;

6) **döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe** – döwlet kepillendirmesi bilen üpjün edilen döwlete dahylsyz nesýe;

7) **döwletiň nesýesi** – Türkmenistanyň Hökümetiniň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň karz alyjy bolup çykyş edýän nesýe gatnaşyklary;

8) **döwletiň gymmatly kagyzy** – emissiýasy Türkmenistanyň Hökümeti ýa-da Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýan gymmatly kagyz;

9) **nesýe şertnamasy** – karz alyjynyň ylalaşyk esasynda nesýe serişdelerini alýan hem-de olary gaýtarmak we hak-heşdek tölemek, şeýle hem nesýe bilen bagly beýleki tölegleri tölemek boýunça karz berijiniň öňünde jogapkärçilik çekýän ylalaşygy;

10) **karz beriji** – döwlet kepillendirmesi bilen döwlet ýa-da döwlete dahylsyz nesýäni beren şahs;

11) **nesýe almak** – şu düzgünleri öz içine alýan iş:

a) nesýe serişdeleriniň çekilmeginiň zerurdygy barada çözgüt kabul etmek;

b) nesýe çekilmeginiň, ulanylmagynyň, üzülmeginiň we oňa hyzmat edilmeginiň tertibini we şertlerini kesgitlemek;

ç) gepleşikleri geçirmek;

d) borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek we kepillendirmek;

e) nesýe boýunça degişli resminamalary resmileşdirmek we olara gol çekmek;

ä) borçnamalary hasaba almak, ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we seljermek düzgünlerini hem goşmak bilen, nesýe serişdelerini almak, ulanmak;

12) **döwlet kepillendirmeleriniň berilýän aňryçäk möçberi** – çäklerinde döwlet kepillendirmeleri berlip bilinjek, degişli maliýe ýyly üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda tassyklanýan bellenilen möçberi;

13) **ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň bergisiniň aňryçäk möçberi** – degişli maliýe ýyly üçin ýerli býujetde tassyklanýan bellenilen pul möçberi, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň üzülmedik karzlarynyň möçberiniň bellenen senä (maliýe ýylynyň ahyryna) şondan ýokary bolmaly däldir;

14) **hökümetiň bergisiniň aňryçäk möçberi** – degişli maliýe ýyly üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda tassyklanýan bellenilen möçberi, Türkmenistanyň Hökümetiniň üzülmedik nesýeleriniň möçberiniň bellenen senä (maliýe ýylynyň ahyryna) şondan ýokary bolmaly däldir;

15) **bergä gözegçilik (monitoring) etmek** – döwlet tarapyndan ygtyýarlyk berlen edaralaryň wekilçiliginde döwletiň bergini hasaba almak, seljermek we onuň emele getirilişine, üýtgeýşine we oňa hyzmat edilişine gözegçilik etmek boýunça işi;

16) **döwlete dahylsyz nesýe** – Türkmenistanyň dahyllysy karz alyjy bolup çykyş edýän nesýe gatnaşyklary, Türkmenistanyň Hökümeti, Türkmenistanyň Merkezi banky we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary muňa degişli däldir;

17) **hak-heşdegiň bellenilmedik (üýtgeýän) möçberi** – karzlar, nesýeler boýunça hak-heşdegiň ýa-da hak-heşdegi bolan gymmatly kagyzlar boýunça girdejiniň bazardaky ýagdaýa baglylykda üýtgemeleriň täsirine düşýän möçberi;

18) **bergä hyzmat etmek** – wagtyň belli bir döwründe hak-heşdegiň, ýygym tölegleriniň, jerimeleriň we nesýe almagyň şertlerinden gelip çykýan beýleki tölegleriň jemlenen görnüşdäki tölegleri;

19) **nesýä hyzmat etmek** – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýa-da Türkmenistanyň karz edarasynyň karz alyjynyň hasaplarynda nesýe serişdeleriň ulanylyşyny we karz alyjy tarapyndan nesýe şertlerine laýyklykda hak-heşdegiň, ýygym tölegleriniň we beýleki tölegleriň amala aşyrylyşyny hasaba almak boýunça işi;

20) **bergini üzmek** – nesýe şertnamasynda bellenen tertipde karz alyjy tarapyndan alnan nesýe möçberiniň gaýtarylmagy we nesýe şertnamasyndan gelip çykýan beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi;

21) **maksatnamalaýyn nesýeler** – Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmek we özgertmek boýunça olar bilen ylalaşylan çäreleri ýerine ýetirmek şertlerinde halkara maliýe guramalary tarapyndan Türkmenistanyň Hökümetine ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankyna berilýän nesýeler;

22) **hökümetiň bergisi** – Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan alnan we üzülmedik döwlet nesýeleriniň belli bir senedäki möçberi, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Hökümetiniň bergisine degişli edilen bergi borçnamalary;

23) **döwletiň gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirmek** – Türkmenistanyň Hökümetiniň we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň döwlet gymmatly kagyzlaryny raýat-hukuk geleşiklerini baglaşmak arkaly birinji eýelere ýerlemek;

24) **döwlet bergisini gaýtadan maliýeleşdirmek** – täze nesýe alnan serişdeleriň hasabyna döwlet bergisini üzmek;

25) **nesýäniň düzümini üýtgetmek** – taraplaryň ylalaşygy esasynda nesýe şertnamasy boýunça borçnamalary ýerine ýetirmegiň möhletlerini, maliýe we beýleki şertlerini üýtgetmek;

26) **dahyllylar** – Türkmenistanda ýerleşýän Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar, şeýle hem olaryň Türkmenistanda we (ýa-da) onuň çäginden daşarda ýerleşýän şahamçalary we wekilhanalary, jemgyýetçilik birleşikleri muňa degişli däldir;

27) **dahylsyzlar**:

a) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän ýuridik şahslar;

b) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän ýuridik şahs bolup durmaýan guramalar;

ç) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän, şu bendiň «a» we «b» kiçi bentlerinde görkezilen dahylsyzlaryň şahamçalary, wekilhanalary we gaýry aýrybaşgalanan düzüm birlikleri;

d) döwletara, hökümetara, halkara guramalary, olaryň Türkmenistandaky şahamçalary we hemişelik wekilhanalary;

28) **esasy berginiň möçberi** – alnan we karz berijä gaýtarylmadyk nesýäniň üzülmäge degişi möçberi, ol boýunça hak-heşdegiň, jerime pullarynyň (jerimäniň, puşmana töleginiň) möçberini hasaba almazdan.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**111$^{1}$-nji madda. Nesýe alynmagy hakynda umumy düzgünler**

1. Türkmenistanyň Hökümeti we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan nesýe almak, döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň alynmagy Türkmenistanyň býujet kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan nesýe alynmagy «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň Hökümeti, Türkmenistanyň Merkezi banky ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan nesýeleriň alynmagy döwletiň nesýe almagy bolup durýar.

3. Döwlete dahylsyz nesýe alynmagy Türkmenistanyň dahyllylary tarapyndan özbaşdak, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen çäklendirmeleriň hasaba alynmagy bilen, islendik möçberde, islendik pulda we islendik görnüşde amala aşyrylýar.

Eger bu Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ylalaşylmadyk bolsa, döwlet edaralarynyň we döwlet kärhanalarynyň, döwlete dahylsyz nesýe almagy amala aşyrmaga haklary ýokdur.

Ýuridik şahslar tarapyndan döwlete dahylsyz nesýe alynmagy döwlet kepillendirmesiniň hasabyna çekilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**111²-nji madda. Döwlet nesýeleriniň görnüşleri**

1. Döwlet nesýeleri karz alyjy babatynda şulara bölünýär:

1) Türkmenistanyň Hökümetiniň nesýeleri;

2) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň nesýeleri;

3) ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň nesýeleri;

2. Döwlet nesýeleri ssuda maýa bazarlary boýunça şulara bölünýär:

1) daşarky döwlet nesýeleri;

2) içerki döwlet nesýeleri.

3. Döwlet nesýeleri nesýe almagyň görnüşi boýunça şulara bölünýär:

1) döwletiň gymmatly kagyzlaryny çykarmak;

2) nesýe şertnamalaryny baglaşmak.

4. Döwletiň gymmatly kagyzlary hereket edýän möhleti boýunça şulara bölünýär:

1) dolanyşyk möhleti 1 ýyla çenli bolan – gysga möhletli gymmatly kagyzlar;

2) dolanyşyk möhleti 1 ýyldan 5 ýyla çenli bolan – orta möhletli gymmatly kagyzlar;

3) dolanyşyk möhleti 5 ýyldan ýokary bolan – uzak möhletli gymmatly kagyzlar.

Döwletiň gymmatly kagyzlary resminamalaşan görnüşinde we resminamalaşmadyk görnüşde çykarylyp bilner. Teklip edijä tölenmeli döwletiň gymmatly kagyzlary diňe resminamalaşan görnüşinde çykarylyp bilner. Döwletiň gymmatly kagyzlary hak-heşdegiň bellenilen we bellenilmedik (üýtgäp duryan) möçberli nominal we diskontirlenen gymmat boýunça çykarylyp bilner.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**111³-nji madda. Döwlet bergisi**

1. Döwlet bergisi – belli bir senedäki alnan (özleşdirilen) we üzülmedik döwlet nesýeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Hökümetiniň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bergisine ýa-da ýerine ýetiriji

häkimiýetiň ýerli edaralarynyň bergisine degişli edilen, özara talaplary hasaba alynmadyk bergi borçnamalarynyň möçberi.

2. Döwlet bergisi içerki we daşarky döwlet bergilerinden durýar.

3. Içerki döwlet bergisi – döwlet bergisiniň içerki döwlet nesýeleri we Türkmenistanyň Hökümetiniň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň karz beren Türkmenistanyň dahyllylarynyň öňündäki beýleki bergi borçnamalarynyň düzüm bölegi.

4. Daşarky döwlet bergisi – döwlet bergisiniň daşarky döwlet nesýeleri we Türkmenistanyň Hökümetiniň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň karz beren Türkmenistanyň dahylsyzlarynyň öňündäki beýleki bergi borçnamalarynyň düzüm bölegi.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**111[4]-nji madda. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň döwlet bergisini üzmek we oňa hyzmat etmek boýunça borçnamalary**

1. Türkmenistanyň Hökümeti Merkezleşdirilen býujetiň serişdeleri bilen üpjün edilýän döwlet bergisini üzmek we oňa hyzmat etmek boýunça borçnamalary çekýär.

2. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary öz bergisini üzmek we oňa hyzmat etmek boýunça ýerli býujetleriň serişdeleri bilen üpjün edilýän borçnamalary çekýärler.

3. Türkmenistanyň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň borçnamalary esasy berginiň möçberiniň karz berijilere gaýtarylan we bergä hyzmat etmek boýunça tölegleriň doly möçberde tölenen ýagdaýynda ýerine ýetirildi diýip hasap edilýär.

4. Türkmenistanyň Hökümetiniň ygtyýarly wekili hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary degişlilikde hökümet bergisine we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň bergisine gözegçiligi (monitoringi) bergini hasaba almak, seljermek we onuň emele gelmeginiň, üýtgemeginiň we oňa hyzmat edilmeginiň barşyna gözegçilik etmek arkaly amala aşyrýarlar.

5. Türkmenistanyň Hökümeti we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary biri-biriniň borçnamalary boýunça jogap bermeýärler.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**111[5]-nji madda. Döwlet bergisiniň, döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň we olar bilen bagly töwekgelçilikleriň dolandyrylmagy**

1. Döwlet bergisiniň, döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň dolandyrylmagy şulary öz içine alýar:

1) görkezijilere laýyklykda üzülmeli we hyzmat edilmeli pul möçberleriniň, hökümet bergisiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň bergisiniň üzülmeginiň we hyzmatynyň, döwlet kepillendirmesiniň berilmeginiň möçberleri we kesgitlenen aňryçäk möçberi bellenýän görkezijileriniň kesgitlenilmegi bilen, geljekki meýlnama döwri üçin ýagdaýyna we her ýylda döwlete degişli, döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýeleriň alynmagynyň we bergileriň ýagdaýyna her ýylky baha berilmegini we öňde duran meýilnama döwri üçin çaklanylmagyny.

Döwletiň we döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe almagyň we bergileriň ýagdaýyna her ýylda baha berilmegini hem-de döwlet we döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe almagyň we berginiň öňde duran meýilnama döwri üçin çaklamasyny taýýarlamak Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bilelikde toplanan döwlet we döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň möçberleri we gurluş düzümi esasynda amala aşyrylýar;

2) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen tertipde hökümetiň bergisiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň bergisiniň aňryçäk möçberiniň, degişli maliýe ýyly üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda tassyklanýan döwlet kepillendirmesini bermegiň aňryçäk möçberiniň kesgitlenilmegini;

3) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan nesýeleriň alynmagynyň möçberiniň, görnüşleriniň we şertleriniň, Türkmenistanyň Döwlet býujetinde degişli maliýe ýyly üçin tassyklanýan hökümet bergisiniň üzülmeli we hyzmat edilmeli möçberleriniň kesgitlenilmegini;

4) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan döwletiň öz kepillendirmeleri boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmegi bilen bagly alýan nesýeleriniň we talaplarynyň bellige alynmagynyň, döwletiň alýan nesýeleriniň we döwlet bergisiniň, döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň, şeýle hem döwletiň öz kepillendirmeleri boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmegi bilen bagly ýüze çykan talaplarynyň alnyşyna, peýdalanylyşyna, üzlüşine we hyzmat edilişine gözegçiligiň amala aşyrylmagyny;

5) berginiň gurluşyny we oňa hyzmat etmegi amatly etmek boýunça çäreleriň, şol sanda bergini möhletinden öň üzmek, gymmatly kagyzlaryň guramaçylykly bazarynda emitent tarapyndan döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak we satmak, döwlet bergisiniň we döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň gurluşyny üýtgetmek, bergini gaýtadan maliýeleşdirmek, döwlet we döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe almalar we bergi töwegelçiliklerini dolandyrmak boýunça çäreleriň taýýarlanylmagyny we durmuşa

geçirilmegini, şeýle hem döwletiň öňündäki berginiň gurluşyny amatly etmek boýunça çäreleriň taýýarlanylmagyny we durmuşa geçirilmegini.

2. Döwlet bergisiniň, döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň we döwletiň öňündäki berginiň töwekgelçiliklerini dolandyrmak şulary öz içine alýar:

1) töwekgelçilikleri ýüze çykarmagy;

2) kybaplaşdyrmagy;

3) baha bermegi;

4) peseltmegi;

5) üçünji taraplaryň öňündäki bergi borçnamalary döwlet kepillendirmesi bilen üpjün edilen ýuridik şahslaryň bergisini dolandyrmaga öz wagtynda seslenmegi we zerur bolan çäreleri görmegi.

3. Döwlet bergisiniň, döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň we döwletiň öňündäki berginiň töwekgelçiliklerini dolandyrmak Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kesgitlenen tertipde amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

### 111$^{6}$-nji madda. Döwlet bergisiniň we döwlet tarapyndan kepillendirilen berginiň ýagdaýy baradaky maglumatlaryň çap edilmegi

Türkmenistanyň Döwlet bergisiniň şu wagtky ýagdaýy, döwlet bergisini üzmegiň hasabyna tölenen pul serişdeleriniň möçberleri, döwlet kepillendirmesi berlen we kepillendirmeler boýunça tölenen pul serişdeleriniň möçberleri baradaky maglumatlar açyk maglumatlar bolup durýar we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan her çärýekde statistik hasabat görnüşinde resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

## 26$^{1}$-njy bap. Türkmenistanyň Hökümetiniň nesýe almagy

### 112-nji madda. Türkmenistanyň Hökümetiniň nesýe almagynyň maksatlary

Türkmenistanyň Hökümetiniň nesýe almagy şu maksatlar bilen amala aşyrylýar:

1) Merkezleşdirilen býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek;

2) bergi gurallarynyň içerki bazaryny ösdürmäge ýardam etmek.

Býujetiň artyklygy bolanda Türkmenistanyň Hökümeti hökümet bergisini gaýtadan maliýeleşdirmek üçin nesýe almagy amala aşyryp biler.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**112¹-nji madda. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan nesýe almagyň amala aşyrylmagy**

1. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan nesýe almagyň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen tertipde, şularyň esasynda amala aşyrylýar:

1) nesýe almagyň maksatlaryny we maliýe çäklerini bellemegiň;

2) nesýe almagyň maýa goýumda ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemegiň;

3) göz öňünde tutulýan hökümet nesýeleriniň sanawyny düzmegiň.

2. Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan nesýeleriň çekilmegi her bir aýratyn nesýe şertnamasy ýa-da döwletiň gymmatly kagyzlarynyň görnüşi boýunça Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgüdi esasynda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Türkmenistanyň Hökümetiniň gymmatly kagyzlarynyň emitenti bolup durýar we ol döwletiň şeýle gymmatly kagyzlarynyň her bir goýberilişiniň möçberini, möhletini hem-de şertlerini kesgitleýär.

4. Bergi gurallarynyň içerki bazaryny ösdürmäge ýardam etmek üçin hökümetiň içerki nesýe almagy hökümetiň nesýe almagynyň, bergisiniň, oňa hyzmat etmek üçin harajatlaryň we töwekgelçiligiň amatly derejesiniň emele getirilmeginiň hasaba alynmagy bilen amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**112²-nji madda. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan nesýe alynmagynyň çäklendirilmegi**

Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan nesýe alynmagy Türkmenistanyň býujet kanunçylygynda bellenen hökümet bergisiniň aňryçäk möçberi we hökümet bergisine hyzmat etmek üçin gönükdirilýän býujet serişdeleriniň möçberi bilen çäklendirilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$112^{3}$-nji madda. Türkmenistanyň Hökümetiniň bergisiniň üzülmegi we oňa hyzmat edilmegi**

Türkmenistanyň Hökümetiniň bergisiniň üzülmegi we oňa hyzmat edilmegi, gymmatly kagyzlaryň guramaçylykly bazarynda özleri tarapyndan goýberilen döwletiň gymmatly kagyzlarynyň satyn alynmagy Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kesgitlenýän tertipde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýa-da Türkmenistanyň karz edaralarynyň üsti bilen Türkmenistanyň býujet kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**$26^{2}$-njy bap. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan nesýe alynmagy**

**113-nji madda. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan nesýe alynmagynyň maksatlary**

1. Welaýatyň, Aşgabat şäheriniň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ýerli edaralary tarapyndan nesýe alynmagy býujet maýa goýum taslamalaryny (maksatnamalaryny) durmuşa geçirmek maksady bilen, welaýatyň, Aşgabat şäheriniň býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin Türkmenistanyň Hökümetinden nesýeleri almak görnüşinde amala aşyrylýar.

2. Etraplaryň, şäheriň, etrap hukukly şäheriň, şäherdäki etrabyň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ýerli edaralary tarapyndan nesýe alynmagy býujet maýa goýum taslamalaryny (maksatnamalaryny) durmuşa geçirmek maksady bilen, etrabyň, şäheriň, etrap hukukly şäheriň, şäherdäki etrabyň býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin welaýatyň, Aşgabat şäheriniň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralaryndan alnan nesýeler görnüşinde amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$113^{1}$-nji madda. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan nesýe alynmagynyň çäklendirilmegi**

1. Welaýatyň, Aşgabat şäheriniň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ýerli edaralary tarapyndan döwlet nesýesiniň alynmagy ýerine ýetiriji häkimiýetiň degişli ýerli edarasynyň bergisiniň aňryçäk möçberi we ýerine ýetiriji häkimiýetiň degişli ýerli edarasynyň bergisiniň üzülmegine we oňa hyzmat edilmegine gönükdirilýän serişdeleriniň möçberleri bilen çäklendirilýär.

2. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň bergisiniň degişli maliýe ýyly üçin aňryçäk möçberi Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenilýär.

3. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň bergisini üzmek we oňa hyzmat etmek üçin çykdajylaryň möçberi degişli maliýe ýyly üçin ýerli býujetiň girdejileriniň on göteriminden ýokary geçmeli däldir.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**113[2]-nji madda. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň bergisiniň üzülmegi we oňa hyzmat edilmegi**

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň bergisini üzmek we oňa olar tarapyndan hyzmat etmek Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kesgitlenýän tertipde, ýerli býujetlerde göz öňünde tutulan serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**27-nji bap. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň alynmagy we bergi. Karz berijiniň bähbitleriniň goralmagy**

**114-nji madda. Döwletiň kepillendirmesi**

1. Türkmenistanyň döwlet (hökümet, özygtyýarly) kepillendirmesi (mundan beýläk – döwlet kepillendirmesi) – bu Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran karz alyjy tarapyndan tölenmeli möçberi bellenen möhletde tölenmedik ýagdaýynda, Türkmenistanyň Hökümetiniň bergini dolulygyna ýa-da bölekleýin üzmek boýunça karz berijiniň öňündäki borçnamasydyr.

2. Döwlet kepillendirmesi karz alyjylara Türkmenistanyň dahyllylary tarapyndan olaryň alan döwlete dahylsyz nesýeleri boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň üpjünçiligi hökmünde berilýär.

3. Türkmenistanyň Hökümeti nesýeler boýunça Türkmenistanyň adyndan döwlet kepillendirmesini bermek babatynda aýratyn hukuga eýedir.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Türkmenistanyň Hökümetiniň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kesgitlenýän şertlerde we tertipde döwlet kepillendirmesini bermegi amala aşyrýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**114[1]-nji madda. Döwlet kepillendirmesiniň berilmeginde çäklendirmeler**

1. Döwlet kepillendirmesi Türkmenistanyň býujet kanunçylygynda degişli maliýe ýyly üçin bellenýän aňryçäk möçberiň çäklerinde berilýär.

2. Döwlet kepillendirmesi ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň nesýelerini gaýtarmagyň üpjünçiligi hökmünde berlip bilinmez.

3. Döwlet kepillendirmesiniň berilýän aňryçäk möçberiniň möçberi diňe şol aňryçäk möçber bellenen degişli maliýe ýylynyň çäklerinde peýdalanylyp bilner.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**114²-nji madda. Döwlet kepillendirmesini bermegiň şertleri**

1. Döwlet kepillendirmeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary esasynda berilýär.

2. Döwlet kepillendirmelerini bermek şu Kodekse laýyklykda, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kepillendirijiniň borçlary ýerine ýetirilen mahalynda harçlanylan býujet serişdeleriniň karz alyjy tarapyndan gaýtarylmagy şertlerinde amala aşyrylýar.

3. Döwlete dahylsyz nesýe boýunça döwlet kepillendirmeleriniň berlendigi üçin karz alyjydan, esaslyk maýasyna döwletiň ýüz göterim gatnaşmagy bilen esaslandyrylan ýuridik şahslar üçin döwlet kepillendirmesiniň möçberiniň 0,2 göterimi derejesinde, gaýry ýuridik şahslar üçin döwlet kepillendirmesiniň möçberiniň 2 göterimi derejesinde deslapky birwagtlaýyn töleg (ýygym) alynýar.

4. Döwlet kepillendirmelerini bermek döwlet kepillendirmelerini bermek hakynda ylalaşyk we Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan döwlet kepillendirmesi boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen bagly Merkezleşdirilen býujetden gönükdirilen serişdeleri gaýtarmak boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän resminamalar resmileşdirilenden we bellige alnandan soň amala aşyrylýar.

Döwlet kepillendirmesini bermek hakynda ylalaşyk – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ynanylan wekil (agent) bilen karz alyjynyň arasyndaky döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe baradaky ylalaşyk bolup, ol döwlet kepillendirmelerini bermek, döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe şertnamasyna laýyklykda borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, döwlet kepillendirmesi boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilen halatynda çekilen Merkezleşdirilen býujetiň serişdelerini gaýtarmak boýunça taraplaryň hukuk gatnaşyklaryny belleýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**114³-nji madda. Döwlet kepillendirmelerini almaga dalaş edýän şahslara bildirilýän talaplar**

Döwlet kepillendirmelerini almaga dalaş edýän ýuridik şahslara bu ýuridik şahslaryň karz alyjy bolup çykyş edýän nesýeleri boýunça şu talaplar bildirilýär:

1) Türkmenistanyň dahyllysy bolmak;

2) Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgüdi bilen tassyklanýan, degişli döwür üçin döwlet kepillendirmeleri berilýän, döwlete dahylsyz nesýe serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilmegi teklip edilýän maýa goýum taslamalarynyň sanawyna goşulan taslamalaryň durmuşa geçirilmegini amala aşyrmak;

3) maliýe bazaryny we maliýe guramalaryny düzgünleşdirmegi we olara gözegçilik barlagyny amala aşyrýan ygtyýarly edara bilen ylalaşyp Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenýän nesýeleriň gaýtarylmagynyň üpjün edilmeginiň talaplaryny kanagatlandyrýan bankyň kepillendirmesiniň ýa-da başga kepillendirmäniň bolmagy;

4) ygtyýarly pudaklaýyn dolandyryş edaranyň oňyn netijenamasynyň bolmagy;

5) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň oňyn netijenamasynyň bolmagy;

114$^{3}$-nji maddanyň 6-njy bendi güýjüni ýitiren*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanuny)*

7) tölenilmeli möhleti gelip ýeten, döwlet tarapyndan kepillendirilen öň alnan nesýeleriň üzülmegi we olara hyzmat edilmegi boýunça bergisiniň, şeýle hem karz berijileriň öňünde möhleti geçirilen başga bergileriň bolmazlygy;

8) taslamanyň umumy bahasyny ýapmaýan nesýeler çekilen ýagdaýynda teklip edilýän maýa goýum taslamasyny bilelikde maliýeleşdirmek boýunça borçnamalary üpjün etmek;

9) teklip edilýän maýa goýum taslamasynyň azyndan 30 göterimini düzýän hususy maýasynyň bolmagy;

10) tölege ukyply bolmagy, ýapylmaga degişli bolmazlygy, onuň emläginiň tussag edilmäge degişli bolmazlygy, onuň maliýe-hojalyk işiniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda togtadylmaga degişli bolmazlygy.

***(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)***

**114$^{4}$-nji madda. Döwlet kepillendirmeleriniň berilmegi üçin maýa goýum taslamalarynyň seçilip alynmagy**

Döwlet kepillendirmeleriniň berilmegi üçin maýa goýum taslamalarynyň seçilip alynmagy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kesgitlenýän tertipde geçirilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**$114^{5}$-nji madda. Döwlet kepillendirmesiniň görnüşi**

1. Döwlet kepillendirmesi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen karz berijiniň arasynda ýazmaça görnüşde kepillendiriş şertnamasyny baglaşmak ýa-da Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan döwlete dahylsyz nesýe boýunça kepillendiriş borçnamalarynyň (kepillendiriş borçnamasynyň) kabul edilendigi barada ýazmaça habar bermek arkaly berilýär.

Döwlete dahylsyz daşarky nesýeler boýunça kepillendirme şertnamasy bolanda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde karz alyjynyň wekselini awallaşdyrmaga haky bardyr.

Diňe şu maddanyň we şu Kodeksiň $114^{6}$-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelýän resminama döwlet kepillendirmesi diýlip ykrar edilip bilner. Döwlet edaralarynyň we olaryň ýolbaşçylarynyň beýleki namalarynyň we resminamalarynyň hiç biriniň döwlet kepillendirmesi hökmünde ýuridik güýji ýokdur.

2. Her bir maýa goýum taslamasy boýunça kepillendiriş şertnamasyna we kepillendiriş borçnamasyna, karz alyjynyň her bir borçnamasy boýunça awal resminamasyna Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri tarapyndan gol çekilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**$114^{6}$-nji madda. Döwlet kepillendirmesiniň mazmuny**

1. Kepillendiriş şertnamasynda ýa-da kepillendiriş borçnamasynda şular görkezilýär:

1) Türkmenitstanyň Prezidentiniň oňa laýyklykda döwlet kepillendirmesi berilýän kararynyň maglumatlary;

2) karz alyjynyň ady we ýerleşýän ýeri;

3) karz alyjynyň esasy borçnamasynyň mazmuny;

4) nesýäniň kepillendirilýän möçberi, berilýän döwlet kepillendirmesiniň güýjüniň degişli bolan, nesýe boýunça beýleki kepillendirilýän borçnamalar;

5) döwlet kepillendirmesiniň hereket edýän möhleti;

6) kepillendiriş şertnamasyna (kepillendiriş borçnamasyna) gol çeken wezipeli adam.

2. Kepillendiriş şertnamasynda, kepillendiriş borçnamasynda şu maddanyň birinji böleginiň 4-nji we 5-nji bentlerinde göz öňünde tutulan şertler bolmadyk ýagdaýynda:

1) döwlet kepillendirmesi bergidaryň nesýe boýunça ähli borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

2) döwlet kepillendirmesi nesýe şertnamasynyň hereket edýän döwrüne berilýär.

Kepillendiriş şertnamasynda we kepillendiriş borçnamasynda şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan talaplaryň bolmadyk, ýa-da olaryň gol çekilmegi, şeýle hem şu Kodeksiň $114^{5}$-nji maddasynyň ikinji böleginiň bozulmagy bilen oňa ygtyýary bolmadyk adam tarapyndan karz alyjynyň borçnamalarynyň awallaşdyrylan ýagdaýynda döwlet kepillendirmesi hakyky däl hasap edilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{7}$-nji madda. Berlen döwlet kepillendirmeleriniň we döwlet tarapyndan kepillendirilýän nesýeleriň hasaba alynmagy**

1. Berlen döwlet kepillendirmeleri we döwlet tarapyndan kepillendirilýän nesýeler Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen tertipde bellige alynmaga we hasaba alynmaga degişlidir.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi döwlet tarapyndan kepillendirilen bergä gözegçiligi (monitoringi) we berginiň dolandyrylyşyny amala aşyrýar.

3. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäni alan karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna gözegçilik (monitoring) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen tertipde amala aşyrylýar.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**$114^{8}$-nji madda. Döwlet kepillendirmesiniň ýerine ýetirilmegi**

1. Eger nesýe şertnamasynyň şertlerinde başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, döwlet tarapyndan kepillendirme bilen üpjün edilen nesýäniň karz alyjy tarapyndan töleg möhleti gelen güni we degişli maliýe ýyly üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan serişdeleriň çäklerinde doly ýa-da bölekleýin üzülmedik ýagdaýynda, karz berijiniň talap etmegi boýunça töleg senesi gelip ýetenden soň ýerine ýetirilmäge degişlidir.

2. Döwlet kepillendirmeleri boýunça borçnamalary ýerine ýetirmek üçin gönükdirilen serişdeleri gaýtarmak, nesýäniň düzümini üýtgetmek, bergidary çalyşmak, hak isleýiş wagty, görkezilen serişdeleri gaýtarmak boýunça talaplary bes etmek babatynda şu Kodeksiň düzgünleri ulanylýar.

3. Döwlet kepillendirmeleri boýunça borçnamalary ýerine ýetirmek üçin bölünip berlen serişdeler Merkezleşdirilen býujete döwlet kepillendirmelerini bermek hakynda degişli ylalaşyklarda bellenen möhletlerde we möçberlerinde gaýtarylmaga degişlidir.

4. Türkmenistanyň Hökümeti nesýe şertnamasynyň şertlerine laýyklykda we karz berijiniň ylalaşmagy bilen, degişli maliýe ýyly üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan serişdeleriň hasabyna döwlet kepillendirmesini ýerine ýetirmek arkaly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, batan we (ýa-da) ýatyrylan diýlip ykrar edilen karz alyjynyň adyndan döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäni möhletinden öň üzmäge haky bardyr.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{9}$-nji madda. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň düzüminiň üýtgedilmegi**

1. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň düzüminiň üýtgedilmegi karz beriji we karz alyjynyň ylalaşygy boýunça Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan çözgüt kabul edilen ýagdaýynda amala aşyrylýar.

2. Karz berijiniň talap etmegi boýunça döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň düzümi üýtgedilende öňki berlen döwlet kepillendirmesi Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan tassyklanyp ýa-da täzesi bilen çalşylyp bilner.

3. Şunda nesýäniň kepillendirilýän möçberi öňki berlen döwlet kepillendirmesi boýunça nesýäniň möçberinden ýokary geçip bilmez. Täze berlen döwlet kepillendirmesine şu Kodeksiň $114^{1}$-nji maddasynda bellenen çäklendirmeler degişli däldir.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{10}$-nji madda. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe boýunça karz alyjynyň çalşylmagy**

1. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan çözgüt kabul edilen ýagdaýynda nesýe şertnamasynyň taraplarynyň ylalaşygy boýunça döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe boýunça karz alyjynyň çalşylmagyna ýol berilýär.

2. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe boýunça karz alyjy çalşylan ýagdaýynda döwlet kepillendirmesi täzesi bilen çalşylyp ýa-da karz berijiniň talap etmegi boýunça

Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgüdiniň esasynda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan tassyklanyp bilner.

3. Şunda nesýäniň kepillendirilýän möçberi öňki berlen döwlet kepillendirmesi boýunça nesýäniň möçberinden ýokary geçip bilmez. Täze berlen döwlet kepillendirmesine şu Kodeksiň $114^{1}$-nji maddasynda bellenen çäklendirmeler degişli däldir.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**$114^{11}$-nji madda. Döwlet kepillendirmesiniň hereketiniň bes edilmegine esaslar**

Döwlet kepillendirmesi şu ýagdaýlarda öz hereketini bes edýär:

1) karz alyjy ýa-da kepillendiriji tarapyndan Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kepillendirilen nesýe boýunça borçnamalar doly ýerine ýetirilende;

2) kepillendiriş şertnamasynda (kepillendiriş borçnamasynda) görkezilen kepillendiriş möhleti tamamlananda, eger onda başga ýagdaý görkezilmedik bolsa;

3) nesýe şertnamasynda we (ýa-da) kepillendiriş şertnamasynda (kepillendiriş borçnamasynda) ýörite görkezilen ýagdaýlarda;

4) döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýäniň düzüminiň üýtgedilmegi we (ýa-da) karz alyjynyň çalşylmagy bilen baglylykda täze kepillendirme bilen çalşylanda.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{12}$-nji madda. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe serişdeleriniň ulanylmagyna çäklendirmeler**

Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe serişdelerini nesýe şertnamasynyň şertlerinde göz öňünde tutulmadyk maksatlar üçin, şeýle hem döwlet edaralaryny karzlaşdyrmak üçin peýdalanmak gadagan edilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{13}$-nji madda. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe serişdeleriniň ulanylmagyna gözegçilik etmek we onuň üçin jogapkärçilik**

1. Döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýe serişdeleriniň ulanylmagyna Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenilýän tertipde gözegçilik amala aşyrylýar.

2. Döwlet kepillendirilmesi bolan nesýe boýunça karz alyjy Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kepillendirilen nesýe boýunça alnan serişdeleriň maksatlaýyn peýdalanylmazlygy üçin, hem-de karz alyjy tarapyndan nesýe boýunça bergi borçnamalary ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda döwlet kepillendirmesi boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi üçin çekilen serişdeleriň gaýtarylmagy üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{14}$-nji madda. Nesýe şertnamasy boýunça borçnamalary ýerine ýetirmekden bir taraplaýyn ýüz dönderilmegine ýol bermezlik**

Nesýe şertnamasy boýunça borçnamalary ýerine ýetirmekden bir taraplaýyn ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{15}$-nji madda. Döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň bikanun hereketlerinden goramak**

Döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyny bozmak bilen kabul edilen we döwlet tarapyndan kepillendirilen nesýeleri çekmegiň, peýdalanmagyň ýa-da üzmegiň şertlerini ýaramazlaşdyrýan namalarynyň ýuridik güýji ýokdur.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

**$114^{16}$-nji madda. Jedelleriň çözülişi**

1. Nesýe şertnamalary, döwletiň gymmatly kagyzlary, hökümetiň kepillendirmeleri ýa-da olar bilen baglanyşykly iş boýunça jedeller we gapma-garşylyklar, döwletiň, hökümetiň bergisini, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň bergisini ýa-da döwlet tarapyndan kepillendirilen bergini dolandyrmagy hem goşmak bilen, mümkin boldugyça gepleşikler arkaly ýa-da nesýe şertnamalarynda, döwletiň gymmatly kagyzlaryny çykarmagyň kadalarynda bellenen, jedelleri çözmegiň ozal ylalaşylan düzgünlerine laýyklykda çözülýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulmadyk başga ähli jedeller, daşary ýurt karz berijisiniň Türkmenistanyň fiziki we ýuridik şahslary bilen jedellerini hem goşmak bilen, taraplaryň ylalaşygynda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan çözülýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda)*

## IX BÖLÜM. BÝUJETE GÖZEGÇILIK (MONITORING) GEÇIRMEK WE NETIJELEREBAHA BERMEK

### 28-nji bap. Býujete gözegçilik (monitoring) geçirmek we netijelere baha bermek barada umumy düzgünler

#### 115-nji madda. Býujete gözegçilik (monitoring) geçirmek

1. Býujetiň ýerine ýetirilişine, býujetiň girdejileriniň gelip gowuşmagy babatda çaklamalaryň düzülişine we çykdajylaryň ýerine ýetirilişine, girdejileriň býujete öz wagtynda gelip gowuşmazlygynyň sebäpleriniň ýüze çykarylyşyna, borçnamalaryň kabul edilişine we býujet maksatnamalary boýunça tölegleriň geçirilişine gözegçilik etmek maksady bilen, býujetiň ýerine ýetirilişi barada maglumatlaryň ulgamlaýyn toplanylmagy we olaryň seljerilmegi býujete gözegçilik (monitoring) geçirmek bolup durýar.

2. Býujete gözegçilik (monitoring) geçirmek Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ýerli maliýe edaralary, öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda, beýleki döwlet häkimiýet edaralary we býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Döwlet we ýerli býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar, degişlilikde, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ýa-da ýerli maliýe edaralaryna degişli býujet maksatnamalary boýunça gözegçiligiň netijeleri barada maglumat berýärler.

4. Býujete gözegçiligi (monitoringi) geçirmegiň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, ýerli maliýe edaralary her çärýekde ministrliklere we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna salgytlar we býujete beýleki tölegler boýunça meýilnamalaryň ýerine ýetirilmändigi, býujet maksatnamalaryny dolandyryjylara borçnamalar boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamasyna laýyklykda býujet maksatnamalary boýunça kabul edilmedik pul borçnamalary we tölegler boýunça maliýeleşdirmegiň meýilnamasynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmändigi barada ýatlatma maglumatlary berýärler.

5. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ýerli maliýe edaralary dowam edýän ýylyň býujeti takyklananda, şeýle hem meýilnama döwri üçin býujet işlenip taýýarlananda býujet gözegçiliginiň netijelerini nazarda tutýarlar.

6. Türkmenistanyň Maliýe ministirligi býujete gözegçiligi (monitoringi) geçirmek boýunça umumy usulyýet we usuly ýolbaşçylygy üpjün edýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**116-njy madda. Netijelere baha bermek**

1. Döwlet edarasynyň we býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmäge edýän täsirine toplumlaýyn we dogry baha bermek döwlet edarasynyň we býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň, şol sanda döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamalaryny we býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça işiniň görkezijileriniň netijelerine baha bermek bolup durýar.

2. Netijelere baha bermek şulary göz öňünde tutýar:

1) netije görkezijileriniň dogry saýlanyp alnandygyny, olaryň aýdyň we takyk beýan edilendigini, býujet maksatnamasynyň durmuşageçirilmegi üçin zerur bolan serişdeleriň dogry meýilnamalaşdyrylandygynyň seljerilmegini;

2) döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynda we býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalarynda kesgitlenen netije görkezijileriniň gazanylan derejesiniň seljerilmegini;

3) alnan netijeleriň strategik ugurlara, döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyk gelýändigine baha berilmegini;

4) strategik maksatlaryň we netije görkezijileriniň gazanylmandygynyň sebäpleriniň seljerilmegini;

5) döwlet edarasynyň we býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň gowulandyrylmagyny, býujet maksatnamalaryny maliýeleşdirmegiň möçberleriniň artdyrylmagyny (kemelmegini) ýa-da olary býujetden aýyrmak boýunça maslahatyň berilmegini.

3. Netijelere bahanyň berilmegi geçirilende jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet hyzmatlaryny alyjylardan geçirilen soramalaryň esasynda şol hyzmatlaryň edilişiniň hili barada maglumatlary peýdalanylýar.

4. Netijelere baha bermek býujet maksatnamalaryny dolandyryjylar we degişli döwlet häkimiýet edaralary, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary amala aşyrýarlar.

5. Netijelere baha bermegiň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**X BÖLÜM. DÖWLETIŇ MALIÝE GÖZEGÇILIGI**

**29-njy bap. Döwletiň maliýe gözegçiligi hakynda umumy düzgünler**

**117-nji madda. Döwletiň maliýe gözegçiligi düşünjesi**

Şu bölümde aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) döwletiň maliýe gözegçiligi (daşarky we içerki) – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwletiň maliýe gözegçiligine degişli obýekt tarapyndan býujetleriň ýerine ýetirilişiniň peýdalylygyna, netijeliligine we esaslandyrylyşyna gözegçilik edilmegi;

2) döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektleri – býujet işine gatnaşyjylar.

**118-nji madda. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň görnüşleri**

1. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň görnüşleri şulardan ybarat:

1) toplumlaýyn gözegçilik – döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň anyk bir döwürdäki maliýe-ykdysady işiniň tutuşlygyna barlanylmagy we oňa baha berilmegi.

Toplumlaýyn gözegçilik döwletiň maliýe gözegçiligi edaralary tarapyndan býujet edaralarynda – iki ýylda bir gezek, işi hojalyk hasaplaşygy ýörelgelerinde amala aşyrylýan kärhanalarda ýylda bir gezek geçirilýär;

2) mowzuklaýyn (ugurlaýyn) gözegçilik – döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň işiniň anyk bir döwürde aýry-aýry maliýe-hojalyk meseleleri boýunça barlanylmagy we oňa baha berilmegi;

3) garşylyklaýyn gözegçilik – maglumat almak we deňeşdirip görmek maksady bilen, döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýekti bilen umumy maliýe amallary boýunça baglanyşykly ýuridik we fiziki şahslaryň diňe olaryň barlanýan meseleleriň çäklerindäki özara gatnaşyklary boýunça barlanylmagy.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan döwlet maliýe gözegçiligi döwletiň maliýe gözegçiligi edaralary bilen bilelikde, şeýle hem beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde amala aşyrylyp bilner.

3. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralary barlagyň barşynda jenaýatçylyk ýa-da edara ediş hukuk bozulmalarynyň alamatlary ýüze çykarylan halatynda döwlet maliýe gözegçiligi edaralary gözegçiligiň materiallaryny hukuk goraýjy edaralara ýa-da edara ediş hukuk bozulmalary baradaky işlere garamaga ygtyýarly edaralara berýärler.

**119-njy madda. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň ýörelgeleri we standartlary**

1. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň geçirilmegi döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň garaşsyzlygy, obýektiwligi, ygtyýarlylygy esasynda, gizlinlik düzgüniniň üpjün edilmeginiň göz öňünde tutulmagy bilen, barlagyň netijeleriniň dogry, aýdyň, aç-açan bolmagynda amala aşyrylýar.

2. Döwletiň maliýe gözegçiligi döwletiň maliýe gözegçiliginiň geçirilişine we gözegçiligiň netijeleri boýunça kabul edilýän resminamalaryň düzülmegine bildirilýän ýeke-täk talaplary belleýän standartlara laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

3. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň standartlary Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasy tarapyndan işlenip düzülýär we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**30-njy bap. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralary we olaryň ygtyýarlylygy**

**120-nji madda. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralary**

Şular döwlet maliýe gözegçiligi edaralary bolup durýar:

1) Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasy;

2) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we ýerli maliýe, salgyt edaralary;

3) döwlet häkimiýet edaralarynyň, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň içerki gözegçilik gulluklary.

*(2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky, 4-nji noýabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 1, 34-nji madda, № 4, 147-nji madda; 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**121-nji madda. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň ygtyýarlyklary**

Şu Kodeksiň 120-nji maddasynda görkezilen döwlet maliýe gözegçiligi edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ygtyýarlyklaryna laýyklykda Türkmenistanyň býujet kanunçylygynyň berjaý edilişine maliýe gözegçiligini amala aşyrýarlar.

**31-nji bap. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň we obýektleriniň özaragatnaşyklary, olaryň jogapkärçiligi**

**122-nji madda. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýolbaşçysynyň hukuklary we borçlary**

1. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýolbaşçysynyň şulara hukugy bar:

1) döwletiň maliýe gözegçiliginiň maksadyny, wagtyny we dowamlylygyny, onuň netijelerini, gelnen netijeleri we maslahatlary bilmäge;

2) döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň maliýe gözegçiliginigeçirmäge hukuk berýän degişli resminamasyny görkezmedik döwlet maliýe gözegçiligi edarasynyň işgärlerine gözegçilik geçirmäge rugsat bermezlige;

3) gözegçiligiň netijeleri bilen ylalaşmadyk halatynda gözegçiligiň namasyna gol çekilende gözegçiligi geçiren döwlet maliýe gözegçiligi edarasyna ýazmaça görnüşde nägileligini bildirmäge;

4) gözegçiligi geçiren döwlet maliýe gözegçiligi edarasynyň hereketlerine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde şikaýat etmäge haky bardyr.

2. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýolbaşçysy döwletiň maliýe gözegçiligi geçirilende şulara borçludyr:

1) döwlet maliýe gözegçiligi edarasynyň işgärlerine işlemekleri üçin şertleri döretmäge, döwletiň maliýe gözegçiliginiň meselelerine degişli olar tarapyndan soralýan ähli resminamalaryň we maglumatlaryň berilmegini üpjün etmäge;

2) tanyşdyrylmagy we gol çekilmegi üçin berlen gününden döwlet maliýe gözegçiliginiň ykrarhatyna üç gün möhletde gol çekmäge.

Döwletiň maliýe gözegçiliginiň netijeleri bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýolbaşçysy ykrarhatyna gol çekýär we şonuň bilen bir wagtda şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda ykrarhatyna degişli nägileliklerini görkezýär;

3) döwletiň maliýe gözegçiligi edarasynyň ýüze sykarylan ýetmezçilikleri we düzgün bozmalary düzetmek baradaky görkezmeleriniň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge, olary düzetmek boýunça görlen çäreler barada oňa öz wagtynda habar bermäge.

3. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýolbaşçysynyň we beýleki wezipeli işgärleriniň döwlet maliýe gözegçiligiň geçirilişine päsgel bermäge, onuň gerimini çäklendirmäge, döwlet maliýe gözegçilik edarasynyň işgärleriniň hereketlerine goşulmaga haklary ýokdur.

4. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýolbaşçysy we beýleki wezipeli işgärleri görnetin ýalan, nädogry we doly bolmadyk maglumatlaryň berlendigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

**123-nji madda. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we işgärleriniň işindäki çäklendirmeler**

1. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň wezipeli adamynyň we işgäriniň işinde döwlet gullugynyň geçilmegi bilen baglanyşykly Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen çäklendirmeler hereket edýär.

2. Döwlet maliýe gözegçiligi edaralarynyň wezipeli adamlaryna we işgärlerine şu ýagdaýlarda döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýekti babatda maliýe gözegçiligini geçirmek gadagan edilýär:

1) eger döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektiniň ýobaşçysy ýa-da baş buhgalteri Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda döwlet maliýe gözegçiligi edarasynyň işgäri bilen ýakyn garyndaşlykda ýa-da guda garyndaşlykda durýan bolsa;

2) eger olar ýa-da olar bilen ýakyn garyndaşlykda ýa-da guda garyndaşlykda durýan adamlar döwletiň maliýe gözegçiliginiň obýektine göni ýa-da gytaklaýyn maliýe taýdan garaşly bolsa.

**124-nji madda. Döwletiň maliýe gözegçiliginiň netijeleri barada hasabatlylyk**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi her çärýekde döwletiň maliýe gözegçiligini amala aşyrmak boýunça geçirilen işler barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hasabat berýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda)*

**32-nji bap. Türkmenistanyň býujet kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

**125-nji madda. Türkmenistanyň býujet kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

Şu Kodeksiň we Türkmenistanyň býujet hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige eltýär.